**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

# Biznes reklama

22.01.2024. Duşenbe. №04 (1311). Hepdelik gazet. Möçberi 16 sahypa. 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi Web: www.br.com.tm



## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

19-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda käbir resminamalaryň taslamalaryna, şeýle hem beýleki meselelere garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, milli parlamentiň ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alyp barýan işleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwrüň talap edýän täze kanunlaryny taýýarlamagyň zerurdygyny belledi. Döwletimiziň alyp barýan netijeli içeri we daşary syýasaty bu kanunlarda öz beýanyny tapmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we bu ugurda degişli işleri geçirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri bilen bilelikde «Ýurdumyzy 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» taslamasyny taýýarlamak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Bu resminama «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan» hem-de 2024-nji ýylyň Döwlet býujetinden ugur alnyp taýýarlanyldy.

Maksatnamanyň taslamasyna laýyklykda, ýylyň dowamynda ýurdumyzyň makroykdysady taýdan durnukly ösmegini üpjün etmäge hem-de Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, jemi içerki önümiň ösüş depginini durnukly saklamaga, pudaklaryň we sebitleriň okgunly ösüşine gönükdirilen çäreler göz öňünde tutulýar. Şeýle-de senagat kärhanalarynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň doly işledilmegini gazanmak, sebitlerde täze iş orunlaryny döretmek meýilleşdirilýär. Milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna eksportyň ugurlaryny artdyrmak we importyň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek, ekologik taýdan arassa, ýokary hilli oba hojalyk we beýleki azyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda durýar. Şunuň bilen birlikde, oba hojalyk önümlerini öndürijilere döwlet tarapyndan goldaw bermek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, ilatymyza ulag, ýaşaýyş jaý-jemagat, durmuş we beýleki hyzmatlaryň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, kiçi we orta telekeçiligi depginli ösdürmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek, döwlet-hususy hyzmatdaşlygy kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, 2024-nji ýylda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň taslamasynda göz öňünde tutulan wezipeleriň döwletimiziň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini üpjün etmäge, pudaklaryň we sebitleriň kuwwatyny berkitmäge, ilatymyzyň iş üpjünçiligini, ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga ýardam bermäge gönükdirilendigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere Maksatnamanyň taslamasynda şu ýylda ýetilmeli makroykdysady görkezijilere, ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça önümçilik meýilnamalaryna, ýerine ýetirilmeli işlere, welaýatlar we şäherler boýunça durmuş-ykdysady ösüş görkezijilerine ýene-de bir gezek seretmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan agyz suwy ýataklaryny gözlemek we ýüze çykarmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, agyz suwy ýataklaryny gözlemegiň we ýüze çykarmagyň möhüm wezipedigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda işleri ylmy esasda alyp barmagyň ähmiýetine üns çekildi. «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy bu meselede netijeli işleri geçirmeli diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we zerur bolan halatynda, korporasiýanyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini yzygiderli gowulandyryp durmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň sebitlerinde alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gowaça ekiljek meýdanlarda ýerleri ekiş möwsümine taýýarlamak, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek işlerine möhüm ähmiýet bermegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz oba hojalyk ekinlerini suw bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek üçin ýurdumyzyň suw howdanlarynda suw toplamak işlerine-de aýratyn üns bermegiň wajypdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda gyş möwsüminiň dowam edýändigini aýdyp, wise-premýere maldarçylyk hojalyklarynda mallary dok we ýyly gyşlatmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow «Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin maýa goýum Maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, 2024-nji ýyl üçin ýurdumyzyň maýa goýum Maksatnamasynyň taslamasynyň senagat pudaklarynyň ösdürilmegine, täze kärhanalaryň ýola goýulmagyna, azyk üpjünçiliginiň hasda gowulandyrylmagyna, ilatymyzyň durmuş taýdan goraglylygynyň berk berjaý edilmegine gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri özünde jemleýändigini belledi. Maýa goýum maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere onuň taslamasyna ýene-de bir gezek seretmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew söwda toplumynyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamalarynyň taslamalary barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bazarlarynda halkyň sarp edýän harytlarynyň bolçulygyny we olaryň bahalarynyň durnukly derejesini mundan beýläk-de üpjün etmek boýunça çäreler göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, sanly ykdysadyýeti we elektron söwdany ösdürmek öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde ileri tutulýan ugurlar hökmünde kesgitlenildi.

Dokma senagatynyň önümçilik kuwwatlyklaryny netijeli ulanmaga, öndürilýän önümleriň görnüşlerini we möçberini artdyrmaga, halyçylyk sungatyny ösdürmäge aýratyn üns berler. Taýýarlanylan iş meýilnamasyna laýyklykda, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň öňünde elektron söwdalary geçirmegiň döwrebap usullaryny ornaşdyrmak, ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasynyň öňünde bolsa häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly sergileri we maslahatlary guramak işini kämilleşdirmek wezipeleri goýuldy. Şunuň bilen bir hatarda, hususy ulgamy mundan beýläk-de ösdürmek, onuň milli ykdysadyýetdäki ornuny ýokarlandyrmak, daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, haryt dolanyşygynyň we eksportyň möçberini artdyrmak, Döwlet býujetini üstünlikli ýerine ýetirmek bilen bagly çäreler durmuşa geçiriler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, söwda toplumynyň milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde wajyp orny eýeleýändigini belledi we wise-premýere söwda toplumyna degişli ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa medeniýet ulgamyna degişli ministrligiň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamalary barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň baý ruhy gymmatlyklaryny, medeni mirasymyzy gorap saklamakda, öwrenmekde we dünýä ýaýmakda medeniýet ulgamyna uly ornuň degişlidigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçiriljek çärelere, Arkadag şäherinde guraljak Medeniýet hepdeligine gowy taýýarlyk görmek tabşyryldy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz iş meýilnamalarynda göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmek barada görkezme berdi.

Soňra wise-premýer Türkmenistanyň halk suratkeşi Aýhan Hajyýewiň doglan gününiň 100 ýyllygy mynasybetli geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň halk suratkeşi Aýhan Hajyýewiň ýubileýi mynasybetli bellenen çäreleri guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň 2024-nji ýyl üçin taýýarlanan iş meýilnamalary barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek meseleleri barada hasabat berdi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# Syýasat



## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Wise-premýer, daşary işler ministri Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny parlamentarileriň üsti bilen goldamak babatda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin şu ýylyň maý aýynda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Assambleýasynyň sebitleýin duşuşygyny Aşgabatda geçirmek baradaky teklibi beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, beýan edilen teklipleri makullady hem-de ýurdumyzyň abraýly halkara guramalar, şol sanda ÝHHG bilen gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn ösdürmegiň döwletimiziň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ÝHHG bilen hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň wajypdygyna ünsi çekip, wise-premýer, daşary işler ministrine meýilleşdirilen çäreleriň ählisiniň ýokary derejede guralmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzyň kiberhowpsuzlygyny berkitmek, maglumat tehnologiýalary we kiberhowpsuzlyk ugurlary boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, bu ugurda milli önümçiligi ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň kiberhowpsuzlygyny berkitmegiň, bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň döwrüň talabydygyny belledi hem-de «Türkmenistanda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça işleri güýçlendirmek üçin ýerine ýetirilmeli çäreler hakynda» Karara gol çekdi hem-de ony sanly ulgam arkaly agentligiň ýolbaşçysyna iberdi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra agentligiň ýolbaşçysy ýurdumyzyň milli elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň sanyny artdyrmak maksady bilen, «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň önümçilik binýadynda täze «Belet Video» hyzmaty işe girizildi we onda ylmy-okuw, aýdym-saz, okuw materiallary, habarlar, dokumental filmler ýaly dürli wideolaryň yzygiderli üstüniň ýetirilmegi ýola goýuldy. Ýurdumyzda milli «Elektron hökümet» ulgamyny emele getirmekde hem täze çemeleşmelerden ugur alynýandygy barada aýdyldy. Onda dünýä tejribesinde üstünlikli ulanylýan X-Road arhitekturasyny ornaşdyrmak meýilleşdirilýär we häzirki wagtda BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen bilelikde üpjün edijini saýlamak işleri geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy bilen, ýurdumyzda internet akymlarynyň möçberiniň yzygiderli artýandygyny belledi we raýatlaryň sanly hyzmatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak boýunça işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).**

sport

## Söwda toplumynyň hünärmeni kýokuşinkaý karate boýunça Aziýanyň çempiony boldy




**Ýazmuhammet AŞIRMURADOW,** Türkmenistanyň Döwlet haryt çig-mal biržasynyň hünärmeni, sportuň kýokuşinkaý karate görnüşi boýunça Aziýanyň çempiony.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ähli ugurlar bilen bir hatarda sporty, köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmek babatda hem ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Milli kýokuşinkaý karate merkeziniň agzasy, Türkmenistanyň Döwlet haryt çig-mal biržasynyň hünärmeni Ýazmuhammet Aşirmuradow 2024-nji ýylyň 4 — 7-nji ýanwarda Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde sportuň kýokuşinkaý karate görnüşi boýunça geçirilen Aziýanyň açyk çempionatyna gatnaşyp, 1-nji orny eýelemegi başardy. Ussat türgen Ýazmuhammet Aşirmyradow ýaryşda 80 kilogram agram derejesinde çykyş edip, altyn medala mynasyp boldy. Ýazmuhammet mundan öň hem halkara derejesinde geçirilýän açyk çempionatlara gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolupdy.

Taýýarlan: Kerimberdi DURDYÝEW, Türkmenistanyň Döwlet haryt çig-mal biržasynyň Halkara gatnaşyklary we maglumat seljeriş müdirliginiň başlygynyň orunbasary.

## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ak dost» atly türkmen alabaýynyň «Merkezi Aziýa owçarkasy» diýen ýaryşda çempion bolandygy baradaky

### ÇYKYŞY

**Hormatly adamlar!**

Bize Russiýanyň kinologiýa federasiýasyndan hoş habarlar gelip gowuşdy, ýagny, Russiýanyň kinologiýa federasiýasy 1991-nji ýylda döredildi hem-de kinologiýa guramalarynyň jemgyýetçilik birleşigi bolup durýar.

Russiýanyň kinologiýa federasiýasy halkara kinologiýa jemgyýetçiliginde Russiýanyň ýeke-täk resmi wekili bolup durýar hem-de Russiýanyň iri itşynaslyk birleşigi hasaplanýar.

Russiýanyň kinologiýa federasiýasynyň düzümine Russiýanyň Gulluk itşynaslygy federasiýasy, Russiýanyň Awçylyk itşynaslygy federasiýasy, Russiýanyň Höwesjeňleriň itşynaslygy federasiýasy, Garaşsyz itşynaslaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň ählirussiýa assosiasiýasy girýär.

Häzirki döwürde Russiýanyň kinologiýa federasiýasy Russiýanyň iň iri itşynaslyk guramasy bolup durýar. Russiýanyň kinologiýa federasiýasynyň tohum kitabynda takmynan 5,5 million it, 1 427 kinologiýa kluby, ýurduň ähli sebitinden 22 358-e golaý it saklanýan desgalar hasaba alnandyr.

2024-nji ýylyň 15-nji we 17-nji ýanwarynda Kazan şäherinde «Merkezi Aziýa owçarkasy» derejesi boýunça Russiýanyň kinologiýa federasiýasynyň çempionatynda ýeňiji itleriň sylaglanyş dabarasy geçirildi.

Ýeňijiler arassaganlylyk, owadanlyk, buýrugy berjaý etmek ukyby we beýleki häsiýetnamalar boýunça saýlandy.

2021-nji ýylda Halkara Ahalteke atçylyk hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýalarynyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan Tatarystan Respublikasynyň Reýisi Rustam Minnihanowa sowgat berlen «Ak dost» («Akdus») atly türkmen alabaýy «Merkezi Aziýa owçarkasy» diýen ýaryşda iki ugur boýunça Russiýanyň çempiony boldy.

Ol birinji sylaga 2024-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda arassaganlylygy we owadanlygy üçin mynasyp boldy.

Bu ugurda – boýuna, agramyna, beden gurluşyna, saglyk ýagdaýyna, owadanlygyna we arassaganly Merkezi Aziýa owçarkalarynyň umumy ykrar edilen talaplaryna laýyk gelýändigine üns berilýär.

Ikinji sylaga 2024-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda düşbüligi, ünslüligi we buýrugy ýerine ýetirmek ukyby üçin mynasyp boldy.

«Merkezi Aziýa owçarkasy» derejesi boýunça çempionata tutuş Russiýa boýunça 200-e golaý it gatnaşdy.

Ýeri gelende bellesek, «Ak dost» Russiýanyň dürli şäherlerinde geçirilen birnäçe sergilere we bäsleşiklere gatnaşyp, tejribe toplady.

Bu çärelerde ol eminleriň ýokary bahalaryna mynasyp boldy.

Bu sylaglary dabaraly ýagdaýda gowşuryň.

Men hem öz gezegimde, ähli «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň agzalaryny gutlaýaryn we mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw edýärin!

Çeşme: maslahat.gov.tm




Surat: TDH.

birža söwdalary

## Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalary

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalarynda geleşikleriň 18 sanysy hasaba alyndy.

Daşary ýurt walýutasyna Türkiýeden, Gazagystandan, Birleşen Arap Emirliklerinden we Owganystandan gelen telekeçiler «Türkmennebit» döwlet konserninde öndürilen polipropileni satyn aldylar. Şeýle-de Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynda öndürilen dürli görnüşli dokma önümleri satyldy. Geleşikleriň jemi bahasy 8 million 120 müň amerikan dollaryna deň boldy.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazar üçin jemi bahasy 40 million 645 müň 800 manatlykdan gowrak bolan polipropileni, türkmen el halylaryny we dürli görnüşli dokma önümlerini satyn aldylar.

TDHÇMB

«Türkmenawtoulaglary» agentligi tarapyndan hususy kärhanalar bilen bilelikde «Duralga» atly mobil goşundy işe girizildi.

«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň önümçilik binýadynda täze «Belet Video» hyzmaty işe girizildi.

# TÄZE ÝÜPEK ÝOLY

## Aşgabat — Türkmenabat awtobanydyr

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Gurbannazar ORAZGULYÝEW,
Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy, ýazyjy.

Mundan sanlyja gün ozal tanyşlarymyň biri şeýle diýdi:

— Ýeňil ulagymda Tejene baryp geldim. Awtoban bilen gitdim. Ynansaň, janyň ujy. Mundan birki ýyl ozal Germaniýa baranymda, şol ýurtdaky awtobanlary görüp: «Bizde haçan şeýle ýol bolarka?» diýipdim. Garagumuň içinden gurlan awtoban göwündäkidenem aňyrdaky bolupdyr.

Bu sözler maňa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň taryhy taslamasy hasaplanýan bu gurluşykda gaýrat görkezýän ýigitlere: «Armaň!» aýdan pursatlarymy ýatlatdy. Soňam ýol gurluşygyna degişli okan, gören zatlarym hakydada janlandy.

Ýol — bu, aslynda, islendik döwletiň gan damary. Ýol baran ýere ýaşaýyş-durmuş barýar. Ýol baran ýere suw, elektrik togy, tebigy gaz barýar. Ine, soňky gezek, geçen ýylyň ahyrlarynda awtobanyň Tejen-Mary bölegine baranymda, Jojukly düzlüginde, Hanhowzuň giň ýaýlalarynda, soňam Marydaky «Ak öýüň» seleňläp görnüp duran ýeriniň bärräginde gurlan MTS öýjükli aragatnaşyk ulgamynyň demir maçtalaryny-belent sütünlerini synlap, «Gör-ä, Garagumuň ymgyr giňişliginde el telefonlary däl, eýsem, internet hem päsgelsiz işlejeg-ow» diýip, buýsançly iç gepledipdim.

Bilşimiz ýaly, awtotrassalar-gury ýer ýollary federal, sebit, ýurt hem-de ýerli ähmiýetli toparlara bölünýär. Ynha, ýakynda internetden okan bir maglumatymda «M-12 «Gündogar» awtomagistraly» atlandyrylýan ýol, ýagny Uzak Gündogardan gaýdyp, Moskwa gelmeli, bir bölegi bolsa Gazagystanyň üsti bilen Gyrgyzystana, Özbegistana, Türkmenistana gelmeli, soňra Eýrana, ondan aňryk Türkiýä, Ýewropa, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen Kawkaza, ondan aňryk Gündogar Ýewropa barmaly ýoluň Türkmenistanda gurulýan awtoban bilen birleşmek mümkinçiliginiň eýýäm ykrar edilýändigi aýdylýar. Diýmek, ýollar oba-kentleri, ýurtlary, yklymlary bir-biri bilen baglanyşdyrýar. Gadymy Ýüpek ýolunyň dörän döwründen bäri bolsa, şeýle aýdyň hakykat äleme aýan: «Nirä kerwen kän barýan bolsa, şol ýere bereket ýagýandyr».

Ýollar diňe söwda-ykdysady hyzmaty amala aşyrmak bilenem çäklenmeýär. Ýol baran ýere medeniýetler, siwilizasiýanyň täze ülüşleri barýar.

Ine, men ýandepderçämi açanymda: «Awtobanyň 259-njy kilometrinde — Mary çägin-de asfalt ýazyjy enjamyň operatory Şadurdy Gurbanýazowyň yhlasly işleýşini höwes bilen synladym» diýen ýazgymda gözüm eglendi. Ondan aşaky setirde bolsa: «Düşeljek asfalt «MAN», «SHACMAN» ýaly 25 tonna ýük göterýän awtoulaglarda hatar gurap gelip dur. Germaniýanyň öňdebaryjy kompaniýasynyň önümi bolan 12 metr giňlige asfalt ýazýan enjamyň bunkerine guýulýan asfaltyň temperatura gyzgynlygy 165 gradus. Asfalt şeýle «gaýnamasa», tutuşlygyna kompýutere düzülen, Germaniýanyň önümi bolan «AMMAN» zawody işlemeýär. Diýmek, bärde adam faktory diýlen düşünje doly aradan aýrylýar. Bu zawod sagatda 240 tonna asfalt öndürýär. «VÖGELE» kysymly asfalt ýazyjy enjam bir günde 2 kilometr ýere asfalt ýazýar» diýip belläpdirin.

Bu ýazgyny okap özümem haýran galýaryn, hemem oýlanýaryn: «Tejen — Mary aralygyna, ýagny awtobanyň 109 kilometr uzynlygyna 10 million tonna çagyl garyndysy, 1,5 million tonna asfalt düşelmeli».

Aşgabat — Türkmenabat awtobanyny Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary gurýarlar. Anyk aýdanyňda, Tejen — Mary böleginiň gurluşygyny «Altyn nesil» hojalyk jemgyýeti alyp barýar.

Ýoluň ikinji tapgyrynyň ýol gurluşyk inženeri Serdar Ýowşanowy juda gowy tanaýaryn. Iş sapary bilen baranymyzda, hemişe ýanymyzda bolup, taslamanyň alnyp barlyşyny ilik-düwme düşündirmäge ýaltanmaýan, işe çulum hünärmen. Ine, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň başky günlerinde, has anygy, 11-nji ýanwarda Gahryman Arkadagymyz, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatyna iş saparyny amala aşyrmagyň çäklerinde, awtobanyň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň gidişi bilen tanşanda, uzynakdan inçesagt baş inžener Milli Liderimize «Tejen — Mary» böleginde tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan işler barada gürrüň berdi welin, begenip gitdim. Ýol gurmak ýaly sogaply-haýyrly, ulanylyşy, peýdasy asyrlara aşyp gitjek işlere dahylly bolmak bagtdan ýeten paý ahbetin!

Garagumuň içinden ýol, onda-da ulag-inženerçilik infrastrukturasynyň iň zamanabap, ösen dünýäniň soňky talaplaryna laýyk gelýän awtoban gurmak ýeňil-ýelpaý iş däl.

Akyp ýatan çägeleriň, aýagyň çümse yzyna sogurmak hyllalla urpaklaryň, süýşüp gidýän topursöw ýerleriň, depe-gollaryň, depezleriň — şorlaşan çägesöw toprakly gatlaklaryň, oýtak takyrlaryň, gepi jemläp aýdanyňda, gyňyr hem giň Garagumuň içinden geçip gitjek şeýle awtobany gurmak gaýrata hem-de çylşyrymly tehnologik çözgütlere bagly.

Tebigy şertler islendik gurluşykda kyn hem irnik meseleleriň biri. Anyk aýtsak, taslamanyň birkemsiz bitmegi köp babatda şuňa daýanýar. Sebäbi tebigat bilen dil tapyşmasaň, islendik anyk ylmy çaklamanyň, inženerçilik — kommunikasiýa çözgüdiniň, aňrybaş kämil tehnikalaryň, garadangaýtmaz dyzmaç güýjüň hem seni ýüňsakgal edäýmegi ahmal. Diňe ynsan paýhasy bilen tebigy durkuň sazlaşygy, türkmen aýtmyşlaýyn, «Bir gulakdan göçülende» işiň oňuna, tutumyň şowuna bolýar. Iň esasam, ekologik sazlaşyk jüpüne düşýär.

Munuň şeýledigini «Aşgabat — Türkmenabat» awtobanynyň ikinji tapgyry — «Tejen — Mary» aralygynda gidýän işleri gözüň bilen görseň magat bilýärsiň.

Eger-de «Aşgabat — Türkmenabat» awtobanynyň ulanylmaga berlen 1-nji tapgyryna münseňiz, Tejene 1 ýarym sagada galman ýetersiňiz. Öň bolsa bu aralyga 3 sagada golaý wagt gerekdi.

Häzirki zaman dünýäsiniň ösüşlerinde Gündogar-Günbatar hem-de Demirgazyk-Günorta halkara ulag geçelgeleri halklary baglanyşdyrýan, söwdany ösdürýän, üpjünçiligi gowulandyrýan, parahatçylyga kepil bolýan esasy binýada öwrüldi. Häzirki döwürde halkara hyzmatdaşlykda ulag diplomatiýasy barha giň orna hem-de wajyp ähmiýete eýedir. Birleşen Milletler Guramasynyň hem-de beýleki halkara guramalarydyr düzümleriniň çäklerinde bu möhüm mesele boýunça amala aşyrylýan işlere Türkmenistan işjeň goşulýar. Hakykatda Türkmenistanyň Ýewraziýa giňişliginde ulag diplomatiýasyny döredijileriň biridigi eýýäm ykrar edildi.

Aşgabat-Türkmenabat awtobanynyň ugrundan birwagtlar gadymy Ýüpek ýolunyň geçendigine taryh şaýat. Türkmenistan bolsa öz milli ykdysadyýetiniň hasabyna täze Ýüpek ýolunyň döwrelaýyk nusgasyny gurýar. Şeýlelik-de, ýurdumyz ýokary tizlikli awtomobil ýoly arkaly sebitiň ykdysady ösüşiniň hasda okgunly bolmagyny üpjün edýär.

Ulag-logistika dünýä ösüşi hem-de ykdysady tizlik, söwda-aragatnaşyk üçin zerurlykdyr. Häzirki zaman bilermenleriniň aýdyşy ýaly, «häzir dünýä ykdysadyýeti tigirleriň üstünde aýlanýar». Dünýä hojalyk gatnaşyklary, ykdysady deňagramlylyk, durnukly, parahatçylykly ösüş kerwen ýükleri bilen baglydyr.

Dünýäniň ulag ulgamyna yzygider hem-de öz wagtynda goşulyşmak, dürli ugurlara gidýän ýollary giňeltmek, täzelerini açmak, illeri, yklymlary baglanyşdyrýan ýollaryň ugry boýunça düzümleri has-da giňeltmek, bir söz bilen aýdanyňda, Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek, ony Ýewraziýanyň ykdysady zolaklaryna birleşdirmek — bu ösüş, hyzmatdaşlyk, jebislik, bagtyýarlyk, rowaçlyk diýmekdir.

Merkezi Aziýa hem-de Hazar sebitlerine Ýewraziýa giňişligine çykmak, multimodal logistiki ulgamyň täze düzüm bölegini döretmek, yklymara ähmiýetli üstaşyr ulag merkezi hökmünde ýurduň derejesini äleme ýaýmak — ine, «Aşgabat — Türkmenabat» awtobanynyň strategik ähmiýeti şeýledir.

Merkezi Aziýada iň uly taslamalaryň biri hasaplanýan bu ýol Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky ulag-logistika düzüminiň «altyn halkasy» bolar. Statistik maglumatlara görä, häzir dünýä ýük dolanyşygynda awtomobiller bilen daşalýan paý has artyk. Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna Ýewropadan ýa-da Arap ýarym adalaryndan getirilen, özem Gyrgyzystan ýa-da Özbegistan üçin niýetlenen uly agramdaky ýükleriň modul görnüşinde awtomobiller bilen daşamalydygy düşnüklidir. Ýa-da Gazagystan — Türkmenistan — Eýran transmilli demir ýoly bilen Hytaýdan ýa-da Russiýa Federasiýasyndan alnyp gaýdylan ýük hem soň barjak menziline modal-bölekleýin görnüşde ýük ulaglary bilen eltiler. Bu awtoban diňe Türkmenistana däl, eýsem, goňşy döwletlere hem hyzmat eder, iň esasam, üstaşyr gatnawlar babatda Ýewraziýa sebiti üçin möhüm geçelgä öwrüler.

Hanhowuz düzlüginde 1 müňden gowrak dürli hünärdäki adamlaryň iki çalşykda, ýagny gije-gündizleýin zähmet çekýändiklerini, 650-den gowrak dürli kysymly, onlarça görnüşli tehniki hyzmatlary ýerine ýetirýän ulaglardyr tehnikalaryň, 2 sany asfalt zawodynyň, hyzmat gulluklarynyň dynuwsyz işleýändikleri awtobanyň gurluşygynyň nähili hörpe gelýändigini aňladýan maglumatlardyr.

Inženerçilik çözgütlerine laýyklykda, hökman berjaý edilmeli işleriň sany 20-i çemesidir. Iň esasam, S-3 ölçeglerine laýyklykda, awtoban ýoluna standart talaba görä, düşelýän asfalt üç gat bolup, birinji gata 10 santimetr, ikinji gata 7 santimetr, üçünji gata bolsa 5 santimetr galyňlykda, jemi 22 santimetr galyňlykda ýazylmaly. Ýol düşeginiň giňligi 34,5 metr, iki taraplaýyn ýoluň umumy hereket zolagy 6 sany, ýagny her tarapda 3 ulag bir-birine päsgelsiz ýöräp bilýär. Ýoluň her tarapynyň hereket giňligi 11 metr 25 santimetr, her tarapyň arasyndaky howpsuzlyk üçin giňlik 3 metr 75 santimetr bolmaly.

«Aşgabat — Türkmenabat» awtobanynda 6 sany trompet, ýagny terminallar bolmaly. Tehniki dilde aýtsaň, awtobana gelip goşulýan hem-de bu ýoldan düşüp, başga ýola geçip gidýän bölek trombet diýmekdir. Olaryň 1-njisi Artykda, ýagny Eýran Yslam Respublikasy bilen aralykdaky gümrük postundan çykylýan ýerde, 2-njisi Tejeniň ýanynda, anyk aýdanyňda, Sarahs — Eýran araçägin-den gaýdyp, Tejen ýoluna münülýän ýerde, 3-njisi Mary şäherine girilýän ýerde, ýagny Turgundy — Serhetabat araçäginden çykyp, Maryda bu awtobana birigýän ýerde, 4-njisi Ýolöteniň ýanynda, Serhetabat — Mary ýolunyň ugrunda, 5-njisi Baýramalynyň ýanynda, aýdylyşy ýaly, ýedi ýoluň çatrygynda, 6-njysy hem ahyrky nokatda — Amyderýanyň kenaryndaky Türkmenabat şäherinde, has magady, Farap — Özbegistan gümrük postunyň golaýynda gurlar.

Aşgabat — Türkmenabat awtobany bolsa şol ulag-kommunikasiýa geçelgesiniň «altyn halkasy» bolar.

Bu ýol Aziýa — Ýuwaş umman sebitine uzalyp gidýän ulgama Türkmenistanyň goşulmagy diýmekdir. Ýurdumyzda döreýän şeýle ýokary tizlikli awtomobil ýoly sebitiň ykdysady ösüşiniň has-da okgunly bolmagynyň gürrüňsiz kepilidir.

Gündogarda Alynky Aziýa hem-de Ýuwaş umman sebitlerine, Günbatarda bolsa Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen Kawkaza, ondan aňryk Türkiýä, Ýewraziýa giňişligine çykmak — ine, täze awtobanyň yklym üçin ähmiýeti. Şeýlelikde, multimodal logistiki ulgamyň täze düzüm bölegini döretmek, yklymara ähmiýetli üstaşyr ulag merkezi hökmünde ýurduň derejesini äleme ýaýmak ýaly strategik çözgüt amala aşyrylar.



Aşgabat — Türkmenabat awtobanynyň Tejen — Mary böleginiň gurluşygyny «Altyn nesil» hojalyk jemgyýeti alyp barýar.

«Aşgabat — Türkmenabat» awtobany Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky ulag-logistika düzüminiň «altyn halkasy» bolar.

# Arkadag şäheri



## Behişdi bedewleriň mekany

Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy barada söhbetdeşlik



Dünýäde käbir ýokary okuw mekdepleri bar, olar özleriniň ýöriteleşen ugurlaryndaky geljekki ösüş meýillerini, täze öwrülişikleriň ümzügini kesgitlemekde möhüm rol oýnaýarlar. Muňa ýekeje mysal tehnologiýa babatda dünýäniň iň abraýly ýokary okuw mekdebi bolan ABŞ-nyň Massaçusets tehnologiýalar institutydyr. Agzalan ýokary okuw mekdebi barada siz öňem eşidensiňiz, ol barada azda-kände maglumatyňyz bardyr. Ýöne biziň bu günki gürrüňimiz ol institut hakynda däl-de, geljekde öz ugrunda edil şeýle abraýa eýe boljak, ýurdumyzda täze döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy barada. Has anyk aýtsak, ata Watanymyzyň taryhynda şöhratly üstünliklere beslenen geçen ýylda — Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ilkinji talyplaryny kabul eden bu ýokary okuw mekdebi bilen okyjylary giňişleýin tanyşdyrmak üçin Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň okuw işleri boýunça prorektory Merdanbeg Piriýew bilen söhbetdeş bolduk.



**Merdanbeg PIRIÝEW,**
Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň okuw işleri boýunça prorektory.

***— Merdanbeg mugallym, ilki bilen-ä, sizi şeýle ýokary okuw mekdebiň işe başlamagy bilen gutlaýarys! Sebäbi behişdi ahalteke bedewleriniň gadymy watanynda, türkmen seýisçiliginiň taryhynda öçmejek yz galdyran şahsyýetiň adyny göterýän, şeýle ajaýyp binalarda ýerleşýän we döwrüň iň añrybaş ülňüleri bilen enjamlaşdyrylan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň döredilmegi biziň her birimiz üçinem örän buýsançly, öwran-öwran gutlanylmaly ýagdaý. Şonuň üçin gürrüňi akademiýa bilen tanyşlykdan başlaýaly.***

— Baş üstüne. Bilşimiz ýaly, ahalteke bedewleri halkymyzyň dünýä beren bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklarynyň biridir. Bu mekanda ussat seýisler tohum atlaryň ajaýyp häsiýetlerini saklap, seýisçiligiň milli ýörelgelerini döredipdirler, olary kämillik derejesine ýetiripdirler. Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň bina edilendigini bellemek has-da ýakymlydyr. Merkezdäki Halkara atçylyk ýokary okuw mekdebine meşhur seýis, ussat atşynas, şan-şöhraty dünýä dolan ajaýyp ahalteke bedewleriniň ugurbaşy nesillerini döreden halypa seýis Aba Annaýewiň adynyň dakylmagy ýurdumyzda halypalara goýulýan belent sarpadan nyşandyr.

Umumy meýdany 20 gektara barabar bolan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy binalaryň birnäçesini öz içine alýar. Olardan 9 gatdan ybarat esasy binasy we onuň iki tarapyndaky ganatlary dört gatdan ybarat okuw binalary iri kämil tehnologiýalarydyr häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen. Akademiýanyň çäginde 2 gatdan ybarat kitaphana, muzeý binalary, naharhana, 250 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýlarynyň 2-si, şeýle-de athanalar, türgenleşik we gezim meýdançalary, ýapyk manež ýerleşýär.



***— Tüweleme, siziň bu aýdanlaryňyz, has anygy, ýokary okuw mekdebiňizde döredilen şertler we mümkinçilikler geljekde bu ýerde kämil türkmen atşynaslarynyň, çapyksuwarlarynyň, seýisleriniň kemala geljekdigine pugta ynam döredýär. Şu ýerde ýokary okuw mekdebiňizde haýsy ugurlar boýunça hünärmenleriň taýýarlanýandygy barada hem durup geçäýseňiz!***

— Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda atçylyk fakulteti, atçylygyň weterinariýasy, at sporty, syýahatçylyk we milli at üstündäki oýunlar hem-de oba hojalygynyň ykdysadyýeti ýaly 4 sany fakultet hereket edýär.

Atçylyk we seýisçilik fakultetinde iki sany hünär, ýagny atçylyk we seýisçilik hünärleri açylyp, bu fakultetde talyplar milli seýisçilik tejribesini öwrenmek bilen bir hatarda atlara ideg etmegiň, olary köpeltmegiň inçe syrlaryny öwrenýärler.

Atçylygyň weterinariýasy fakultetinde iki sany hünär, ýagny weterinar lukmançylygy (atçylykda) we weterinar arassaçylyk barlagy hünärleri öwredilýär. Bu fakultetde talyplar atlary idetmek, kesellerden goramak, atlaryň ýokanç we ýokanç däl kesellerini anyklamak, bejermek we öňüni almak, şeýle hem weterinar-sanitar çäreleriniň ýerine ýetirilişini hemişe gözegçilikde saklamak barada ýokary derejede bilim alýarlar.



At sporty, syýahatçylyk we milli at üstündäki oýunlar fakultetinde üç hünär boýunça, ýagny milli at üstündäki oýunlar, atly sport we syýahatçylyk, şeýle-de sirk sungaty hünärleri boýunça talyplara döwrebap derejede bilim berilýär.

Oba hojalygynyň ykdysadyýeti fakultetinde oba hojalygynyň ykdysadyýeti we oba hojalygynyň buhgalter hasaby hünärleri boýunça talyplara bilim berilýär. Bu fakultetde talyp ýaşlar, esasan, ykdysadyýet, oba hojalyk hukugy, edarakärhanalarda işleri guramak we dolandyrmak, ulgamlaýyn seljerme işlerini geçirmek, kompýuter-tehniki serişdelerinden we multimediýa enjamlaryndan netijeli peýdalanmak boýunça başarnyklaryny kämilleşdirmek boýunça ýokary derejede bilim alýarlar.

***— Talyplyk ýyllary — ynsan ömrüniň gyzykly döwürleriniň biri. Bilim almak üçin ukusyz geçirilen gijeler, deň-duşlar bilen bagly dürli başdan geçirmeler, dürli bäsleşikler... mahlasy, talyplyk döwrüniň gyzygy kän. Ýokary okuw mekdebiňizde talyplaryň boş wagtlaryny peýdaly geçirmekleri, şol bir wagtyň özünde-de ylym bilen has düýpli meşgullanmaklary, nazaryýetde alan bilimlerini tejribede berkitmekleri üçin döredilen şertler barada hem gürrüň beräýseňiz!***



— Dogry aýdýarsyňyz. Hakykatdan-da, talyplyk ýyllary gyzykly, şol sanda döredijilik we ylym babatda hem ömrüň iň derwaýys döwürleriniň biri. Şuny göz öňünde tutup, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda 2 gatdan ybarat bolan kitaphanada 244 orunlyk umumy okalga zaly we 40 orunlyk internet ulgamy we beýleki elektron serişdeler bilen üpjün edilen maglumat zaly bar. Munuň özi talyplara boş wagtlarynda dürli kitaplary okap, şeýle-de internet ulgamyndaky habarlar bilen tanşyp, öz dünýägaraýyşlaryny giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da, talyplaryň beden taýdan saglygyny we sport ussatlygyny ýokarlandyrmak, olaryň saglygyny berkitmek üçin Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň sport binasynda basketbol, woleýbol, mini futbol oýnamak üçin meýdançalar göz öňünde tutulyp, sport binasynyň içinde ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan türgenleşik zaly we suwda ýüzmek üçin basseýn ýerleşdirilen.

Ýeri gelende bellesek, ýokary okuw mekdebimizde Ot-iým seljermesi, Süýtçülik işi, Molekulýar genetika, Mikrobiologiýa we epizotologiýa, Immunologiýa, Anatomiýa, Fiziologiýa, Gistologiýa we Parazitologiýa ýaly tejribe barlaghanalaryň iň döwrebap enjamlar, öňdebaryjy tehnikalar we okatmagyň ýörite serişdeleri bilen üpjün edilmegi zehinli talyp ýaşlara diňe bir ýokary derejede bilim almak bilen çäklenmän, eýsem, degişli ugurlar boýunça düýpli ylmy barlag işlerini hem alyp barmaga uly mümkinçilik döredýär. Şeýle hem bu ýokary okuw mekdebinde at oýunlaryny görkezmek üçin manež we 20 ata niýetlenen athana bar. Ýokary okuw mekdebimizde ähli mümkinçilikleri özünde jemleýän manežiň bolmagy başarjaň talyplarymyza asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan milli at üstündäki oýunlarymyzy ussatlyk bilen ýerine ýetirmegiň tärleriniň inçe syrlaryny öwrenmäge şert döredýär.



Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň golaýynda Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň hem-de Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň binalarynyň bolmagy talyp ýaşlaryň nazary alan bilimlerini önümçilikde kämilleşdirmäge we öz ugurlary boýunça döwrebap ylmy-barlag işlerini alyp barmaga ýardam eder.

***— Merdanbeg mugallym, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylan ýyly türkmen bedewleri üçin diýseň düşümli boldy. Muňa siziň akademiýaňyza sebitde atçylyk we atly sport boýunça ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýan ilkinji halkara akademiýa hökmünde Ýewraziýa atly sport assosiasiýasynyň Hormat şahadatnamasynyň gowşurylmagy, ýokary okuw mekdebiňizde «Ahalteke atlary — parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubunyň döredilmegi hem-de ýylyň ahyrynda halkymyzyň ahalteke atçylyk sungatynyň hem-de atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizilmegi mysal bolup biler. Söhbetdeşligi akademiýaňyzda hereket edýän ÝUNESKO kluby dogrusyndaky gürrüňler bilen jemläýeli!***



— Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy döredilen dessine BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň hyzmatdaşlarynyň birine öwrüldi. Muňa ýokary okuw mekdebimizde döredilen «Ahalteke atlary — parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO kluby hem aýdyň mysaldyr. «Ahalteke atlary — parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubunyň esasy maksatlary adalatlylygyň, adam hukuklarynyň ählumumy hormatyny üpjün etmekden, bilim, ylym we medeniýet ulgamlarynda halklaryň hyzmatdaşlygyny giňeltmek arkaly parahatçylygy hem-de howpsuzlygy berkitmäge ýardam etmekden ybaratdyr.

Bu klub Birleşen Milletler Guramasy we ÝUNESKO barada maglumatlary ýaýratmak, dünýä medeniýetini döretmek, bütindünýä medeni mirasyny, daşky gurşawy öwrenmek we goramak, ÝUNESKO-nyň halkara medeni, durmuş we bilim taslamalaryna gatnaşmak, ýaş zehinlere goldaw bermek ýaly esasy ugurlarda iş alyp barýar.

***— Merdanbeg mugallym, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Geljekde dünýädäki iň naýbaşy tohumlaryň biri bolan ahalteke bedewleriniň at-owazasyny has-da belende galdyrmak, kämil türkmen atşynaslaryny taýýarlamak babatda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikler gazanmagyňyzy arzuw edýäris!***

— Sag boluň! Pursatdan peýdalanyp, behişde bedewlerimize bimöçber sarpa goýýan, olary gorap saklamakda taýsyz tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýaryn!

Söhbetdeş bolan:
**Mätgurban MÄTGURBANOW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby, «Biznes reklama».

Umumy meýdany 20 gektara barabar bolan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy binalaryň birnäçesini öz içine alýar.

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda 244 orunlyk umumy okalga zaly we 40 orunlyk maglumat zaly hem hyzmat edýär.

# Arkadag şäheri




## ELEKTROMOBILLER ARKADAG ŞÄHERINIŇ ÝAŞAÝJYLARYNYŇ HYZMATYNDA

Mälim bolşy ýaly, sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäherinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge aýratyn üns berilýär. Şu maksat bilen şäherde ekologiýa taýdan arassa söwda üpjünçilik ulaglarynyň — elektromobilleriň hereketi ýola goýuldy. Biz şol elektromobilleriň tehniki häsiýetnamasy we beýleki maglumatlar baradaky sowallarymyz bilen Arkadag şäheriniň Söwda müdirliginiň hojalyk bölüminiň müdiri Meýlis Aşyrowa ýüzlendik.



**Meýlis AŞYROW,**
Arkadag şäheriniň Söwda müdirliginiň hojalyk bölüminiň müdiri:

— Söwda müdirligimize degişli dürli görnüşli harytlary eltip bermäge niýetlenen elektromobiller Gonkonguň «Runhorse Holding» kompaniýasynyň önümleridir. Olaryň naharlary we beýleki azyk önümlerini gyzgynyny sowatman müşderilere ýetirmek üçin niýetlenen görnüşi hem, dürli gök önümleridir beýleki azyk harytlaryny terligine ýetirmäge niýetlenen sowadyjyly görnüşi hem bar. «Jinma» diýlip atlandyrylýan bu elektromobiller 2-3 sagadyň dowamynda elektrik kuwwatyny doly alyp, şonuň bilen görnüşine baglylykda 90 — 120 kilomter aralygynda ýol geçmäge ukyply. Şeýle-de olaryň ýyly naharlar üçin niýetlenen hem-de sowadyjyly görnüşleri sagatda 45 kilometr, adaty görnüşi bolsa sagatda 52 kilometr tizlik bilen hereket etmäge ukyply. Häzirki wagtda bu elektromobiller Arkadag şäheriniň ilatyna dürli görnüşli sargytlary eltip bermekde göwnejaý hyzmat edýärler. Bu ulaglar her gün ir sagat 9:00-dan agşam sagat 21:00-a çenli şäheriň ilatynyň sargytlaryny eltip berýärler.

# Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki — milliligiň we medeniýetiň merkezi

Bedew aty mert ýigidiň ýoldaşy, syrdaşy we gardaşy hasaplaýan türkmen halkymyz ahalteke bedewlerine uly sarpa goýýar. Taryhy maglumatlara, halk döredijiligine, dessanlardyr beýleki çeper eserlere ser salanymyzda hem türkmeniň bedew atyny näderejede söýüp-sarpalaýandygyny görmek bolýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ata-babalarymyzdan galan şeýle asylly ýol-ýörelgelerimiz, edim-gylymlarymyz dünýä nusgalyk derejede dowam etdirilýär. Muny geçen ýylda Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi, Merkezi Aziýada deňi-taýy bolmadyk «akylly» şäher — Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, şeýle-de Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň hereket etmegi hem aýdyňlygy bilen subut edýär.

Dünýä meşhur sirk artistleriniň gelim-gidimli ýeri bolan Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki at-owazasy dünýä dolan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň esasy çykyş görkezýän merkezi bolar.

Biz hem ýakyn ýyllarda diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýä ýüzünde halkara atçylygyň mekanyna öwrüljek Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň başlygynyň döredijilik işleri boýunça orunbasary Arslan Annamyradow bilen söhbetdeş bolup, käbir maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.





**Arslan ANNAMYRADOW,**
Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň başlygynyň döredijilik işleri boýunça orunbasary.

***— Arslan, ilki bilen, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň aýratynlyklary we bu ýerde döredilen şertler barada gürrüň beräýseňiz!***

— Ýerzeminden başga 3 gatdan ybarat bolan Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň tutýan umumy meýdany 12 gektara deň.

Binanyň esasy aýratynlygy nal şekilini sypatlandyrýan äheňde ýerine ýetirilip, 42,8 metr beýiklikde bolmagydyr. Sirkiň içinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän enjamlardyr döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy häzirki zaman atçylyk däpleriniň mynasyp dowam etdirilmegine, oýunlaryň birkemsiz guralmagyna mümkinçilik berýär. Binanyň 1-nji gatynda 1500 tomaşaça niýetlenen tomaşaçylar zaly, 4 sany 1500 orunlyk garderob otagy, çykyş edilýän esasy we türgenleşik maneželleri, grim otaglarynyň 22-si, hersi 70 orunlyk 2 sany kafeteriýa, kassa otaglarynyň 8-si, lukmançylyk otaglarynyň 3-si, haýwanlar üçin aşhana, saklaýyş otagy, hajathanalar we duş, tehniki, hyzmat ediş otaglary hereket edýär.

Onuň 2-nji gatynda administrasiýa bölümi, arhiw, artistler toparlary, direktor we orunbasarlar üçin niýetlenen otaglar, tans we gimnastika zallary, 24 adamlyk myhmanhana bölümi, orkestr we ses ýazgy, VIP otaglary bar.



Binanyň 3-nji gatynda muzeý, galkynyş otagy, 100 orunlyk mejlisler otagy, türgenleşik zaly, kafe we fitobar, ýşyklandyryş we ses ulgamyny dolandyryjy operator otagy, hajathanalar we duş, tehniki, hyzmat ediş otaglary ýerleşýär.

Binanyň ýerzemin gatynda 30 orunlyk athana we seýisler üçin otaglar, kir ýuwulýan bölüm, tikinçilik we aýakgap ussahana, inženerler üçin otaglar, weterinar bölümi, işgärler üçin niýetlenen 100 orunlyk naharhana bölümi, ammarlar, hajathanalar we duş, tehniki, hyzmat ediş otaglary hereket edýär.

Sirkiň meýdançasynda agaç we demir ussahanasynyň otaglary we iým saklanylýan ammaryň binasy, awtoulag saklanylýan garažyň binasy, bug gazany we dizel generatorly transformator bekediniň binasy bar.

***— Mälim bolşy ýaly, häzirki wagta çenli Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde diňe bir «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň däl, eýsem, Russiýanyň meşhur sirk artistleriniň hem birnäçe çykyşlary görkezildi. Halkymyzyň hakydasyna möhürlenip, ýatdan çykmajak ýakymly ýatlamalary galdyran bu täsirli sirk oýunlary barada hem durup geçäýseňiz!***

— Hawa, şöhratly senelere beslenen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 3 — 9-njy iýuly aralygynda Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde Russiýanyň meşhur sirk artistleriniň, şeýle hem «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň bilelikdäki çykyşlary halkymyz üçin ajaýyp sowgat boldy. Bu bilelikdäki çykyşlara uly höwes bilen tomaşa edildi. Mundan başga-da, Tatarystanyň döwlet Baştutany Rustam Minnihanowyň, «Arkadagyň şäheri» atly halkara kinofestiwalyň gatnaşyjylary bolan daşary ýurtly meşhur kino ýyldyzlarynyň we beýleki hormatly myhmanlaryň sirkimize gelip, biziň çykyşlarymyza tomaşa edendiklerini hem-de görkezilen oýunlara ýokary baha berendiklerini buýsanç bilen bellemelidiris. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ilkinji günlerinde sirkimiziň döredijilik topary tarapyndan guralan Täze ýyl çykyşlary hem Arkadag şäheriniň ýaşaýjylary we myhmanlary tarapyndan gyzgyn garşylandy. Nesip bolsa, geljekde has şowly çykyşlar bilen tomaşaçylarymyzy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy begendirmäge çalşarys.

***— Täsirli gürrüňdeşlik üçin sag boluň, Arslan. Biz hem size häzirki wagtda ýurdumyzyň we dünýä medeniýetiniň baýlygyny — ahalteke bedewini geljekki nesiller üçin aýawly saklamakda, milli atçylyk sungatyny ösdürmekde yzygiderli amala aşyrylýan işlere mynasyp goşandyňyzy goşup, täze-täze üstünliklere ýetmegiňizi arzuw edýäris!***

— Sag boluň!

Söhbetdeş bolan: öz habarçymyz.

Arkadag şäheriniň Söwda müdirliginiň «Jinma» atly elektromobilleri 2-3 sagatda elektrik kuwwatyny doly alyp, 90 — 120 kilomter aralygynda ýol geçmäge ukyply.

Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki at-owazasy dünýä dolan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň esasy çykyş görkezýän merkezi bolar.

# Telekeçilik



# TEJRIBE BILEN TÄZEÇILLIK SAZLAŞANDA...

Halkymyzda: «Ýeri eý gör — eklär, maly eý gör — saklar» diýen pähim bar. Ata-babalarymyzyň asyrlar aşyp gelen paýhasyna eýerýän türkmen halky häzirki döwürde-de ekerançylyga we maldarçylyga uly sarpa goýýar. Ýurdumyzyň hususy pudagynyň wekilleriniň daýhançylykdan we maldarçylykdan rysgal tapýanlary sanardan köp. Gök-bakja önümleriniň, miweleriň we süýt, peýnir, gatyk, ýogurt, dorog ýaly süýt önümleriniň dürli görnüşleriniň bolçulygynyň üpjün edilmeginde oba hojalygynda iş alyp barýan we täzeçil iş usullarynydyr innowasion tehnologiýalary giňden peýdalanýan hojalyk jemgyýetleriniň, daýhan hojalyklarynyň mynasyp paýy bar. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürip, bazar bolçulygyny döretmäge saldamly goşant goşýan hususy düzümleriň biri hem «Sahabatly» hojalyk jemgyýetidir.






Ekologiýa taýdan arassa we saglyga peýdaly süýt önümlerini öndürmekde «Sahabatly» hojalyk jemgyýetiniň çärýek asyrdan agdyk tejribesi bar. Ýakynda biz hojalyk jemgyýetiniň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň çäklerinde ýerleşýän maldarçylyk toplumynda myhmançylykda bolup, tohumlyk mallary idetmegiň we olardan bol süýt almagyň aýratynlyklary bilen gyzyklandyk. «Sahabatly» hojalyk jemgyýetini esaslandyran Orazgeldi Anzarow 1997-nji ýylda maldarçylyk bilen meşgullanyp başlaýar. Ilkibaşda 350-den gowrak sygry kärendesine alan telekeçi ýerli sygyrlaryň süýtlüligini ýokarlandyrmak maksady bilen, Eýrandan we Germaniýadan tohumlyk mallaryň 160-a golaýyny satyn alýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, gara mallaryň süýt berijiligi babatda dünýä belli golştin tohumyna degişli sygyrlaryň her birinden günde ortaça 20 litrden gowrak süýt almak bolýar.

Häzirki wagtda «Sahabatly» hojalyk jemgyýetiniň 500 baş sygra niýetlenen maldarçylyk toplumynyň ýakynynda uly bolmadyk zawoda çalym edýän süýdi gaýtadan işleýän sehi hem hereket edýär. Döwrebap maldarçylyk toplumy we süýdi gaýtadan işleýän seh innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylyp, bu ýerde işleriň esasy bölegi awtomatlaşdyrylan görnüşde amala aşyrylýar. Ýylda 2 müň tonna süýt we 30 tonna et öndürmäge ukyply bolan maldarçylyk toplumynda 50-ä golaý hünärmen zähmet çekýär. Öz işine ökde hünärmenler mallaryň gerekli agramyny saklamak, sygyrlaryň süýtlüligini artdyrmak üçin öňdebaryjy dünýä tejribesi esasynda iş alyp barýarlar.

Geçi süýdi hem saglyk üçin iňňän peýdaly önümleriň biri hasaplanýar. «Sahabatly» hojalyk jemgyýetinde sygyrlar bilen bir hatarda tohumlyk geçiler hem idedilýär. Maldarçylyk toplumynda Türkiýeden getirilen zaalin tohumly geçileriň 300-den gowragy saklanýar. Bu tohum ýurdumyzyň howa şertlerine çalt uýgunlaşýar.



*— Süýdi ençe dertden saplanmaga kömek edýän we çalt köpelýän mallary saklamagyň ykdysady bähbidi bilen birlikde ruhy lezzeti hem bar* — diýip, hojalyk jemgyýetiniň direktorynyň orunbasary Azat Anzarow gürrüň berýär. — *Bökjekleşip ýören owlaklary, işdämenlik bilen ot çeýneýän geçileri synlamagyň özboluşly lezzeti bar. Sygryň süýdi hem, geçiniň süýdi hem ynsan saglygy üçin diýseň peýdaly önüm bolup, biologik taýdan gymmatly maddalara baýdyr. Süýtde gymmatly beloklar, ýaglar, uglewodlar, mineral maddalar, witaminler saklanýar. Şonuň üçinem, hojalyk jemgyýetimizde halkymyzy ýokary hilli süýt önümleri bilen üpjün etmek ugrunda uly işler alnyp barylýar.*

Hojalyk jemgyýetinde «Sahabatly» haryt nyşany bilen sygyr süýdi, gatyk, süzme, uýadylan gaýmak, aýran, geçi süýdi, duzlanan ereme peýnir ýaly önümler öndürilýär. Ekologiýa taýdan arassa we baha taýdan amatly önümler sarp edijileriň uly isleginden peýdalanýar. Olar paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň beýleki ýerlerinde söwda nokatlaryndadyr dükanlarynda alyjylara hödürlenilýär.

«Sahabatly» hojalyk jemgyýeti mallaryň ot-iýim üpjünçiligine hem uly ähmiýet berýär. Hojalyk jemgyýetine bölünip berlen 650 gektara barabar ýeriň bir bölegi öri meýdany hökmünde peýdalanylýar. Bu ýerde sygyrlaryň süýtlüligini ýokarlandyrmaga kömek edýän ýorunja, mekgejöwen, kanolla ýaly ot-iýmlik ekinler ösdürilýär. Ýerleri gurplandyrmak üçin agrotehniki talaplara laýyklykda ekin dolanyşygy alnyp barylýar. Hususyýetçi daýhanlar üçin döwletimiziň goldaw bermeginde ýeňillikli şertlerde satyn alynýan «John Deere» kysymly traktorlar ýerleri ekişe taýýarlamakda we ösdürilip ýetişdirilen hasyly ýygnamakda giňden peýdalanylýar.









TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

Berkarar Watanymyzda yhlas bilen çekilýän zähmete uly hormat goýulýar. Ähli ulgamlarda bolşy ýaly, hususy işewürlikde hem ýaş hünärmenleriň ýaşuly nesliň tejribesini täzeçil pikirler bilen baýlaşdyrmagy netijesinde uly üstünlikler gazanylýar. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ahyrynda «Sahabatly» hojalyk jemgyýetiniň direktorynyň orunbasary Azat Anzarowyň Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanmagy işine yhlasly telekeçini täze üstünliklere ruhlandyrdy.

Hojalyk jemgyýetiniň agzybir işgärleriniň yhlasyny, zähmetsöýerligini, tutanýerliligini göreniňde, olaryň maksatlarynyň myrat boljakdygyna ynamyň artýar.

Çary ÇARYÝEW,
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň telewideniýe žurnalistikasy hünäriniň talyby, «Biznes reklama».

# HUSUSY PUDAK ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Ýurdumyzda hususy pudagyň ösdürilmegi, häzirki zaman bazar gurluşlarynyň giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna milli ykdysadyýetde telekeçiligiň paýynyň ýokarlandyrylmagy hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady syýasatyň strategik ugurlarynyň biridir. Arkadagly Gahryman Serdarymyz innowasion ykdysadyýeti kemala getirmekde hususyýetçileriň başlangyçlaryny goldaýar. Şunuň netijesinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary ýurdumyzda azyk we haryt bolçulygynyň üpjün edilmegine, täze iş orunlarynyň döredilmegine saldamly goşant goşýarlar. Türkmen telekeçileri daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport edilýän önümleriň öndürilişini barha ýokarlandyrýarlar.

Häzirki döwürde hususy pudagyň wekilleri oba hojalygynda, azyk senagatynda, gaýtadan işleýän önümçilikde, gurluşykda, gurluşyk serişdeleriniň we elektrik enjamlarynyň, öý-hojalyk tehnikasynyň önümçiliklerinde, söwda, bilim, durmuş hyzmatlary, ulag-logistika ulgamlarynda, halk senetçiliginde üstünlikli iş alyp barýarlar. Iri kärhanalar we hojalyk jemgyýetleri paýtagtymyzda, ýurdumyzyň sebitlerinde giň gerimli döwlet taslamalaryny amala aşyrmaga, onlarça müň adamy iş orunlary bilen üpjün etmäge goşant goşýarlar. Döwletimiziň telekeçilige berýän goldawynyň netijesinde halk hojalygynyň düzüminde hususyýetçileriň paýy ýylsaýyn artýar. Döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygynyň netijeli ýola goýulmagy bilen, ýurdumyzda hususy eýeçilige esaslanýan döwrebap önümçilikleriň, bilelikdäki kärhanalaryň we paýdarlar jemgyýetleriniň sany köpelýär.

Hususyýetçiler diňe bir azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, Türkmenistany kuwwatly eksport ugurly ykdysadyýetli ýurda öwürmäge işjeň gatnaşýarlar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň hususy kärhanalarydyr hojalyk jemgyýetleri bazaryň täze ugurlaryny, obasenagat toplumynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyny gazanmaga, ilatyň ekologik taýdan arassa azyk önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän önümçilik tehnologiýalaryny ynamly özleşdirýärler. Iri guşçulyk toplumlaryny, maldarçylyk we balykçylyk hojalyklaryny, gök-bakja önümlerini, miweleri gaýtadan işleýän önümçilik toplumlaryny döredýärler. Hususy düzümler oba hojalygynda amala aşyrylýan özgertmelere öz goşantlaryny goşmak bilen, innowasiýalary, suw tygşytlaýjy ulgamlary, ylmyň soňky gazananlaryny we öňdebaryjy tejribäni ornaşdyryp, ekologik taýdan arassa, ýokary hilli gök önümleridir miweleri ösdürip ýetişdirýärler. Döwrebap tehnikalary, şol sanda dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň traktorlaryny, kombaýnlaryny we beýleki zerur enjamlary satyn almak üçin döwlet tarapyndan ýeňillikli karzlaryň berilmegi ýerden bol hasylyň alynmagyna we azyk kärhanalarynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär. Şeýle hem türkmen telekeçileri ýyladyşhanalarda gök-bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirmekde baý tejribe topladylar.

Milli haryt nyşanlary bilen öndürilýän dürli süýjülikler, şokoladlar, kökeler we beýleki konditer önümleri içerki bazarda-da, daşary ýurtlarda-da uly islege eýedir. Dürli haryt nyşanly tebigy gök-bakja we miwe şireleri, gazlandyrylan alkogolsyz içgiler, ekologik taýdan arassa ýerli çig malyň esasynda taýýarlanylýan çaga iýmiti, miwe we gök-bakja konsentratlary, maýonez, üwmeç, gaplanan önümler, doňdurma, ýogurtlar, şöhlat önümleri, garaz, türkmen telekeçileriniň öndürýän önümleriniň sanawyny näçe uzaltsaň uzaldybermeli.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan ýokary tehnologiýaly senagat kärhanalarynyň ýüzlerçesinde dürli görnüşli senagat, gurluşyk we beýleki önümler öndürilip, halkymyza ýetirilýär hem-de daşary ýurtlara üstünlikli eksport edilýär. Gazanylan üstünlikleri nazara alyp, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäklerinde hem-de Mary welaýatynyň Mary etrabynda täze senagat-önümçilik zolaklaryny döretmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem okgunly ösüşlerimiziň nyşany bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynda ýokary tehnologiýaly senagat kärhanalaryny döretmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy hem ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler syýasatynyň amala aşyrylyşy, gazanylýan üstünlikler bilen baglanyşykly wagyz-nesihat işlerini geçirmekde netijeli işleri alyp barýar. Jemgyýetçilik guramamyzyň wekilleriniň ýurdumyzyň Mejlisi, ugurdaş ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen yzygiderli iş alyp barýandygyny bellemek gerek. Partiýamyz işewürlik gurşawyny has-da gowulandyrmaga degişli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işlere-de gatnaşýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň başynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň wekilleri hususy pudagyň kärhanalarynda işewürleriň, hünärmenleriň we işgärleriň gatnaşmagynda wagyz-nesihat duşuşyklaryny yzygiderli geçirýär. Şeýle duşuşyklarda täze gadam basylan ýylda hormatly Prezidentimiziň türkmen telekeçileriniň öňünde goýan möhüm wezipeleri barada giňişleýin gürrüň edilýär.

Telekeçilere giň şert-mümkinçilikleri döredýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bizi täze sepgitlere ruhlandyrýar.

Oguljeren KAZAKOWA,
Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Ahal welaýat komitetiniň başlygy.

Ýylda 2 müň tonna süýt we 30 tonna et öndürmäge ukyply bolan «Sahabatly» hojalyk jemgyýetiniň maldarçylyk toplumynda 50-ä golaý hünärmen zähmet çekýär.

Maldarçylyk toplumynda Türkiýeden getirilen zaalin tohumly geçileriň 300-den gowragy saklanýar. Bu tohum ýurdumyzyň howa şertlerine çalt uýgunlaşýar.

# Maliýe bazary we ykdysadyýet

www.br.com.tm

## Sanly ykdysadyýet — döwrüň mümkinçiligi

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda Türkmenistan döwletimizde ykdysadyýetiň sanly ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen möhüm maksatnamalar durmuşa geçirilýär.

Sanly ykdysadyýetiň döwrebap kämilleşdirilmegi, ylmyň iň täze gazananlaryna daýanýan sanly tehnologiýalaryň ulanylmagy bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili we elýeterliligi ýokarlanýar. Daşary ýurtly alymlaryň bellemegine görä, sanly ykdysadyýetde bazarlaryň netijeli ösmegi ýokary tehnologiýalaryň bolmagy bilen esaslandyrylýar. Şunda, ilki bilen, sanly ykdysadyýeti ösdürmekde amatly gurşawy döretmek üçin guramalaryň üýtgedilmegi we döwrebaplaşdyrylmagy (sanly bazarlaryň we sanly önümçiligiň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy, sanly ulgamda degişli ukyp-başarnyklara eýe bolan hünärmenleriň taýýarlanmagy we beýlekiler) hem-de degişli tehniki infrastrukturanyň döredilmegi (maglumat geçiriji ulgamlar, maglumat işleýji merkezler, programma hyzmatlary we beýlekiler) zerur bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda sanly şäheri, sanly öýleri, «ýaşyl ykdysadyýetiň» nusgalary bolan sanly seýilgähleri gurmak işlerine badalga berildi.

Ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmagyň döwlet maksatnamasyny işjeň durmuşa geçirmek, şeýle hem sanly ulgam babatda ilatyň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça beren tabşyryklary hem bu ugurda edilýän ägirt uly aladanyň miwesidir. «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasyna», «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň konsepsiýasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, bilim ulgamy bilen bir wagtda ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny, raýatlarymyzyň durmuşyny sanlylaşdyrmak hem-de ýurtda durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda bilim ulgamynda uly ösüşler gazanyldy, şol bir wagtda ilatyň sowatlylygyny ýokarlandyrmak, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna ýetirmek, giň gözýetimli, durmuşa ukyply, zehinli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek, bilim ojagynda ykdysadyýetimiziň dürli ugurlary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Bu işleriň ählisi halkymyzyň şu günki we ertirki abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda bimöçber tagallalar eden hormatly Prezidentimiziň, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, başlarynyň belent, ähli işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

Bäşim RAHMANOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň uly mugallymy.



## Sirkulýar ykdysadyýet

*(Başlangyjy gazetiň geçen sanynda).*

Sirkulýar ykdysadyýetiň öz ýörelgeleri bar. Olara çäklendirilen ätiýaçlyklary dolandyrmak we dikeldilýän serişdeleriň akymyny deňagramlaşdyrmak arkaly, tebigy maýany goramak we artdyrmak; tehniki we biologik tapgyrlaryň tutuş dowamynda iň ýokary peýdaly önümleriň, düzüm bölekleriň we materiallaryň dolanyşygyny üpjün etmek arkaly, serişdeleriň çykyp gitmegini optimallaşdyrmak; ýaramaz daşarky faktorlary ýüze çykarmak we önümçilik işlerini täzeden üýtgedip gurmak (gaýtadan taslamak) bilen ulgamyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam bermek ýörelgeleri degişlidir.

Ellen Makartur gaznasy sirkulýar ykdysadyýetiň nusgasynyň hereket etmegi üçin işjeňligiň görnüşleriniň degişli toparlaryny kesgitleýär. Şol toparlar ykdysadyýetiň bu nusgasyna geçmegiň wajyp düzümleri bolup hyzmat eder diýlip nygtalýar.

Işjeňligiň ýokardaky görnüşleriniň giňden ulanylmagy diňe Senagat 4.0 kömegi bilen gazanylyp bilner diýlip hasaplanylýar. Munuň özi materiallary we maglumat akymyny has netijeli utgaşdyrmak zerurlygy bilen baglanyşyklydyr. Önümleriň mukdary, esasan, hili, olaryň düzümindäki çig mal materiallary baradaky maglumatlar ýygnalmalydyr hem-de saklanmalydyr. Şeýle hem galyndylar gaýtadan işlenip bilinýän serişdä öwrülmegi üçin maglumatlar materiallar bilen bilelikde toplanmalydyr. Şunda esasy wezipe her bir önümiň maddy düzümi, ulanylyş usullary, galyndylar ulgamynda ýerleşişi we ş.m. barada maglumatlary netijeli döretmekden, ýygnamakdan, gaýtadan işlemekden we bermekden ybaratdyr. Bularyň ählisi hereket edýän bazarlary we indiki tapgyrlary döretmek üçin zerurdyr.

| Toparlar | Işjeňligiň görnüşleri |
|---|---|
| Gaýtadan öndürmek | - Dikeldilýän energiýa çeşmelerine we materiallara geçmek;<br>- Ekoulgamlary aýawly saklamak we dikeltmek;<br>- Biosfera dikeldilen biologik resurslary gaýtaryp bermek. |
| Bilelikde peýdalanmak | - Aktiwleri bilelikde ulanmak (mysal üçin, awtoulaglary, enjamlary we ş.m.);<br>- Gaýtadan ulanmak;<br>- Berkligi üçin hyzmat etmek, dizaýn, kämilleşdirmek arkaly hyzmat möhletini uzaltmak. |
| Optimallaşdyrmak | - Önümiň öndürijiligini / netijeliligini ýokarlandyrmak;<br>- Üpjünçilik we önümçilik zynjyrlarynda galyndylary ýok etmek;<br>- Uly maglumatlary, awtomatlaşdyrmagy, uzakdan barlamagy (synamagy) we dolandyryşy ulanmak. |
| Aýlanyşygy döretmek | - Önümleri ýa-da olaryň düzüm böleklerini gaýtadan öndürmek;<br>- Materiallary gaýtadan işlemek;<br>- Anaerobik usulda siňdirmek (özleşdirmek);<br>- Organik galyndylardan biohimiki serişdeleri almak. |
| Wirtuallaşdyrmak | - Gönüden-göni materiallaşdyrmak (mysal üçin, kitaplar, CD, DVD);<br>- Gytaklaýyn materiallaşdyrmak (mysal üçin, internet dükanlar). |
| Alyşmak | - Köne, dikeldilmeýän materiallary çalyşmak;<br>- Täze tehnologiýalary peýdalanmak;<br>- Täze önümi, hyzmaty saýlamak. |

Sanly ykdysadyýet sirkulýar ykdysadyýetiň emele gelmeginde möhüm rol oýnaýar. Sanly özgertmeleriň elementleriniň giňden ulanylmagy netijesinde sirkulýar ykdysadyýet üçin zerur maglumat üpjünçiligini döretmek mümkindir. Mysal üçin:

– kiber-fiziki ulgamlar önümçilik prosesiniň we ulanyş tapgyrynyň dowamynda önümler babatynda maglumat alyşmaga, şeýle hem olaryň material düzümi ýa-da ekologik yzy, daşky gurşaw bilen baglanyşygy ýaly maglumatlary özünde saklamaga mümkinçilik berýär;

– hasaplaýjy (sensor) gurluşlary Senagat 4.0-da hakyky wagt tertibinde maglumatlary ýygnamaga we döretmäge mümkinçilik berýär. Galyndylaryň takyk ýerleşýän ýeri, onuň anyk material düzümi we beýlekiler barada iň täze, jikme-jik maglumatlar jemlenilýär. Bu «çalt maglumatlar» ýazga alnyp, soňra bolsa olary önümçilik proseslerini meýilnamalaşdyrmak maksady bilen ulanmak üçin beýleki kompaniýalara berlip bilner. Uly maglumatlaryň seljermesiniň geçirilmegi amaly logistik çözgütleri we ş.m. babatynda maglumatlary bermäge hem-de taslamaga şert döredýär;

– galyndylara ýa-da gaýtadan ulanylýan önümlere bolan hyrydarlygyň we hödürlemäniň gabat gelmegi, öz gezeginde, häzirki wagtda dürli önümleriň ýaýradylyşynda bolşy ýaly, internet çözgütlerini ulanmak arkaly, öwrülişik etmäge ýardam berýär. Awtomatlaşdyrylan bazar we logistika («Galyndylar üçin Uber» görnüşli) platformalarynyň ulanylmagy gözleg we amaly çykdajylaryny azaldýar, netijelilige ýetmegi aňsatlaşdyrýar;

– akylly ulgamda awtomatik usulda Zatlaryň Interneti (IoT) arkaly, gaýtadan işlenilmäge degişli önümleriň hususy bazarlaryny döretmeklige ýol açýar. Gaýtadan işlenen, dikeldilen önümleriň käbir görnüşleriniň bahasynyň ilkibaşdaky materiallaryň gymmatyndan has arzan bolmagy bu ugurdaky meýilleriň çägini artdyrýar. Gaýtadan işlemek mümkinçiligi tehniki bäsdeşlik artykmaçlygyna getirýär;

Blokçeýn tehnologiýasy bäsdeşleriň patentleşdirilen önümçilik tehnologiýalarynyň maglumatlaryny ýyzarlap bilmezler ýaly, näbelli we şifrlenen görnüşde maglumat alyşmagy üpjün edýär;

Senagat 4.0 sirkulýar ykdysadyýetiniň aýrylmaz şerti we hereketlendirijisi bolup çykyş edýär. Tebigy baýlyklaryň durnukly deňagramlylygyny saklamak, sarp ediş prosesini optimallaşdyrmak we daşarky ýaramaz täsirleriň öňüni almak ýaly sirkulýar ykdysadyýetiniň esaslary täze sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen maglumatlaryň elýeterliligini ýokarlandyrmak arkaly gazanylýar. Senagat 4.0 netijesi bolan sanly tehnologiýalar maglumatlary ýygnamak we gaýtadan işlemek, şeýle hem maşyn okuwlary we emeli aň arkaly, ykdysadyýetiň we tebigatdan peýdalanmagyň ähli proseslerini çaklamak hem-de optimallaşdyrmak üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

Sirkulýar ykdysadyýetde işewürlik we sarp edijiler özüňi alyp barmagyň başga nusgalaryny (modellerini) ulanýarlar, ýagny:

– önüme eýeçilik etmegiň ýerine olary peýdalanmak ýa-da başga bir zerur wezipäni ulanmak. Şunda özara gatnaşyklaryň görnüşleri önüm satmak däl-de, eýsem, karz, kärende, öndüriji tarapyndan hyzmat etmek çykyş edýär;

– önümi, hyzmaty, logistikany, maglumat gorlaryny bilelikde peýdalanmak;

– önümi ilkibaşdaky ýa-da başga maksatlar üçin gaýtadan ulanmak;

– kuwwatlyklary we önümleriň ähli peýdaly wezipelerini optimal ulanmak;

– möhüm gural hökmünde internet tehnologiýalaryny ulanmak;

– ulanyş möhletini we durmuş tapgyrynyň dowamlylygyny uzaltmak üçin önümi abatlamak we bejermek;

– önümi dikeltmek we ony özbaşdak ulanmagy dowam etmek ýa-da başgalara satmak;

– başga, täze önümde ulanmagy dowam etmek üçin harydyň aýry-aýry böleklerini dikeltmek;

– täze çig maly ýa-da önümi döretmek üçin ulanylan önümi gaýtadan işlemek;

– ýylylygy, elektrik toguny, hasylly topragy almak üçin ulanylan önümiň aýry böleklerini gaýtadan işlemek.

Umuman, sirkulýar ykdysadyýete geçilmegi önümçilik çykdajylaryny tygşytlamaga, serişdelere bolan garaşlylygy azaltmaga, çig mallaryň bahasynyň üýtgemegine garaşlylygy peseltmäge, geosyýasy çökgünliklerden goranmaga, iş üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, daşky gurşawy aýawly saklamaga, ahyrky netijede bolsa, ykdysady ösüşi gazanmaga ýardam edýär.

Häzirki wagtda dünýäniň aýry-aýry ýurtlarynda sirkulýar ykdysadyýete geçmekde belli bir çemeleşmeler ulanylýar, zerur kanunçylyk namalary, konsepsiýalar we degişli standartlar kabul edilendir. Bu ugurda halkara tejribesine laýyklykda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmak, dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak, galyndysyz önümçilikleri döretmek, ekologiýany goramak, tebigy maýany aýawly saklamak boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan tutumly işler durmuşa geçirilýär.

Gulbeşer BABAÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, ykdysady ylymlarynyň kandidaty.

Awtomatlaşdyrylan bazar we logistika platformalarynyň ulanylmagy gözleg we amaly çykdajylaryny azaldýar, netijelilige ýetmegi aňsatlaşdyrýar.

Senagat 4.0 sirkulýar ykdysadyýetiniň aýrylmaz şerti we hereketlendirijisi bolup çykyş edýär.

# Dünýä bazary: gazly içgiler






**«Coca-Cola» 137 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek ähli önümlerini bir bukjada birleşdirýän mahabat kampaniýasyna başlady.** Milliardlarça müşderisi bolan «Coca-Cola» bu mahabat kampaniýasyny «Täze ýigit» diýip atlandyryp, onda her bir adam üçin bagtly pursatlara sebäp bolýan adamzat tejribesiniň jadysyny we çylşyrymlylygyny beýan etmegi maksat edinýändigini belleýär.

**Mahabat wideo roliginiň dowamlylygy 90 sekunt bolup, ol şeýle şygar bilen jemlenýär:**

**«COCA-COLA» KOMPANIÝASY DURMUŞDAKY IŇ WAJYP ZADA ULY BUÝSANÇ BILEN HEMAÝATKÄRLIK EDÝÄR. BU ÝERDE, ELBETDE, MAŞGALA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULÝAR.**

**PEPSI 9-NJY FEWRALDA 2023-NJI ÝYLYŇ NETIJESINI MÄLIM EDER**

«PepsiCo» kompaniýasy 2024-nji ýylyň 9-njy fewralynda 2023-nji ýylyň 4-nji çärýeginiň we geçen ýylyň maliýe netijeleri baradaky maglumatlaryny beýan eder. **«PepsiCo» 2022-nji ýylda** «Lay's», «Doritos», «Cheetos», «Gatorade», «Pepsi-Cola», «Mountain Dew», «Quaker» we «SodaStream» ýaly dürli içgilerdir iýmit önümlerinden **86 milliard dollardan gowrak girdeji gazandy.**

## dünýäniň iň gymmat mineral suwlary

**3-nji orunda**



**Fillico – 219$** (750ml)

**2-nji orunda**



**Kona Nigari Water – 402$** (750ml)

**1-nji orunda**



**Acqua di Cristallo Tributo a Modigliani – 60,000$** (750ml)



## poppi bazardaky ornuny berkidýär



ABŞ-da sarp edijileriň arasynda düzüminde şeker, emeli reňkler we goşmaça süýjedijiler bolan içgileri içmegi azaltmak meýli dowam edýär.

Alyjylar soňky ýyllarda sagdyn iýmitlenmäge, witaminler we prebiotikler bilen baýlaşdyrylan içgilere uly üns berýärler. Şekere derek bolsa, stewiýa ýaly ösümlikleri orun tutujy hökmünde ulanmagy makul hasap edýärler.

ABŞ-da «Olipop», «Poppi», «Culture Pop» we «New Wave Soda» ýaly dünýä bazarynda meşhur öndürijiler bazardaky orunlaryny kem-kemden güýçlendirýärler. 2024-nji ýylda saglyga peýdaly gazly içgileriň içinde «Poppi» we «Recess» brendleriniň has geçginli boljakdygy çaklanylýar.

## AJAÝYP DIZAÝNLY RAHATLANDYRYJY MINERAL SUWY







Uly şäherlerde adamlar gündelik iş argynlygyndan, nerw dartgynlygyndan saplanmagyň dürli usullaryndan peýdalanýarlar. Şeýle usullaryň hatarynda baglarda gezim etmek, ýoga bilen meşgullanmak ýaly strese garşy göreşmek güýjüne eýe bolan «Recess» mineral suwy içmegi-de millionlarça adamlar oňyn çözgüt hasaplaýarlar.



**«Recess» brendini esaslandyryjy Benjamin Witte bu täsin mineral suwy döretmek ideýasyny tapyşy barada şeýle gürrüň berýär:**

— Men daş-töwerekde bolup geçýän käbir ýakymsyz zatlary ýüregime has ýakyn kabul edýärin, tiz kejigýärin. Düzümünde kannabidiol bolan witaminleri kabul edip ugranymda özümi duýşumyň gowulaşandygyna göz ýetirdim. Has galjaň, işeňňir hem döredijilikli hereket edip başladym. Kannabidioly suw bilen garyp içmek pikiri bilenem nerw ulgamyny rahatlandyryjy «Recess» mineral suwy döredi.

**«Recess» mineral suwunyň dürli tagamlary: böwürslen, çaý, şetdaly, imbir we nar ýaly mineweleriň tagamlary bar. Bu içginiň gap dizaýny «Gin Lane and Day Job Studios» amerikan studiýasy tarapyndan taýýarlanypdyr.**



## «OLIPOP» 200 million amerikan dollarlyk girdeji alýar

**Başlangyç. Ösüş**

**Önümçilige başlanyna, önümlerini azyk dükanlarynyň tekjelerine goýanyna bary-ýogy 5 ýyl çemesi wagt bolsa-da, «Olipop» geçen ýylda 200 million amerikan dollaryndan geçirip girdeji aldy. «Pitchbook»-yň maglumatlaryna görä, «Olipop» önümçilige 55,4 million dollar goýup, geçen ýylky bahasy bolsa 199,8 million dollara bardy. Täze brendiň esaslandyryjysy we baş direktory Ben Gudwin satuwy ýokarlandyryp, şeýle-de marketing işlerini güýçlendirip, «Olipop»-yň müşderilerini artdyrmagy maksat edinýändiklerini aýdýar.**



**Ben Gudwin, «Olipop» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we baş direktory:**

**«Olipop»-y içýänler ýyl-ýyldan artar. Sebäbi sagdyn iýmitlenmek hemmeler üçin möhüm.**






**Bankanyň içine serediň!**

- Alteý köki
- Kalendula
- Sikoriý köki
- Maniok köki
- Nopal kaktusy
- Topinambur
- Kudzu köki






### Adaty gazly içgileriň oruntutary

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda gazlandyrylan içgileriň sarp edilişi azalansoň, «Olipop» oňaýly pursatdan peýdalanyp, öňki adaty gazly suwlaryň ýerine saglyk üçin has peýdaly önümlerini hödürledi. «Olipop»-yň müşderileriniň, takmynan, 10 göterimi wagtal-wagtal içýän gazly suwlarynyň ýerine diňe «Olipop» içip ugradylar. Gudwin «Olipop» gazlandyrylan prebiotik içginiň içege keselleriniň öňüni almakda islendik gazly suwuň ýerini tutup bilýändigini nygtaýar.

### Saglygyň aladasynda

Gazly içgilere bolan isleg peselen döwründe saglyk üçin peýdaly içgilere bolan isleg artyp başlaýandygyny bazar subut etdi. «Olipop» alyjylaryň gyzyklanmasyndan netije çykaryp, prebiotikleri we kletçatkalary goşup, SPINS-iň maglumatlaryna görä, 14 göterim derejesinde iýmit siňdiriş ulgamynyň sagdynlygyny gazanmaga ukyply bolan gazly içgiler önümçiligine girişýär. Gudwin gazlandyrylan içgileriň bazarynda «Olipop»-a bildirilýän isleglere ser salyp, satuwyň has-da ýokarlanjakdygyna ynanýar.

### Päsgelçilikler we meseleler

«Olipop» önümlerini ýaýradyp ugraly bäri, güýçli depginde ösýändigine garamazdan, ol häzirki wagtda-da şol öňküsi ýaly 20 000 söwda nokadynda satylýar, tagamlary-da 12 dürli. «Olipop» soňky 1-2 ýylyň içinde bahalaryny gymmatladan «Pepsi» we «Coca Cola»-dan häzirem gymmat.

### Jemleme

Kynçylyklara garamazdan, «Olipop» bazarda «Poppi» ýaly brendler bilen deň hatardaky liderleriň birine öwrüldi. Görnüşi ýaly, içege kesellerine garşy göreşmekde müşderileriň ünsüni özüne çeken «Olipop» öz ösüş depginini saklajaga çalym edýär.

Sahypany taýýarlan: Aýgül AŞYRMÄDOWA, «Biznes reklama».

Alkogolsyz içgileri öndürijileriň dünýä liderleri: 1. «PepsiCo Inc.»; 2. «The Coca-Cola Company»; 3. «Danone S.A.»; 4. «Nestlé S.A.»; 5. «Red Bull GmbH».

2018 — 2028-nji ýyllar üçin derňelen seljermä laýyklykda, dünýäniň alkogolsyz içgiler bazarynyň ýyllyk ösüşi ortaça 4,7 göterim diýlip çaklanylýar.

# Jahan habarlary



## Messiniň FIFA dabarasyna barmandygynyň sebäbi belli boldy





Geçen hepdäniň başynda Lionel Messi FIFA-nyň ýylyň oýunçysy baýragyna mynasyp boldy. Argentinaly hüjümçi milli ýygyndy toparlaryň kapitanlarynyň we tälimçileriň, žurnalistleriň we janköýerleriň ses bermeginde ýeňiji boldy. Emma bu dabara Messi gatnaşmady. Metbugatdan alnan maglumatlara görä, argentinaly futbolçy möwsümden öňki türgenleşigi kesmek islemeýändigi sebäpli, baryp bilmändir. Elbetde, Londona çenli ýol uzak, ýoluň ýadawlygyndan soň Messi üç-dört günlük türgenleşigi sypdyrmaly bolmagy-da mümkin. Leonel Messi MLS möwsümine gowy taýýarlykly başlamak isleýär.

## «Google» Günorta Amerikany Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti bilen birleşdirjek suwasty internet kabelini çeker



Bu ugur geograf Aleksandr fon Gumboldtyň hormatyna «Humboldt» diýlip atlandyryldy.

Çilini, Fransuz Polineziýasyny we Awstraliýany Ýuwaş ummanyň üsti bilen göni baglanyşdyrjak optiki süýümli aragatnaşyk Çili hökümetiniň öňden bäri ýetmek isleýän maksadydy.

Taslama 400 million amerikan dollaryna düşer. Oňa «Google»-den başga-da, Çiliniň «Desarrollo País» infrastruktura gaznasy, «Office of Posts and Telecommunications of French Polynesia» we beýlekiler gatnaşýarlar. Kabeliň uzynlygy, takmynan, 15 000 km bolar we ony çekmek işi 2026-njy ýyla çenli tamamlanar.




«Analysys Mason»-yň çaklamasyna görä, «Google»-niň Latyn Amerikasyndaky we Karib deňzindäki öňki suwasty kabelleri 2017 we 2027-nji ýyllar aralygynda jemi içerki önümiň 178 milliard dollar artmagyna getirer we 2027-nji ýyla çenli, takmynan, 740 000 sany täze iş ýeri döreder.

Taýýarlan: Şöhrat DURDYÝEW, TDBGI-niň mugallymy.



## «APPLE» ILKINJI GEZEK «SAMSUNG»-DAN ÖŇE GEÇDI

IDC analitik kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, «Apple» taryhda ilkinji gezek smartfon satmakda dünýäde birinji orny eýeläp, «Samsung»-dan öňe geçdi. 2023-nji ýylda «Apple» 234,6 million iPhone satdy. Bu bolsa 2022-nji ýyldakydan 3,7 göterim köpdür. Bu döwürde «Samsung» 226,6 million smartfon satmagyň hötdesinden geldi. «Xiaomi» bolsa 145,9 million smartfon bilen ilkinji üçlügi jemledi.

**Top 5 Companies, Worldwide Smartphone Shipments, Market Share, and Year-Over-Year Growth, Calendar Year 2023** (Preliminary results, shipments in millions of units)

| Company | 2023 Shipments | 2023 Market Share | 2022 Shipments | 2022 Market Share | 2023/2022 Growth |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Apple | 234.6 | 20.1% | 226.3 | 18.8% | 3.7% |
| 2. Samsung | 226.6 | 19.4% | 262.2 | 21.7% | -13.6% |
| 3. Xiaomi | 145.9 | 12.5% | 153.2 | 12.7% | -4.7% |
| 4. OPPO | 103.1 | 8.8% | 114.4 | 9.5% | -9.9% |
| 5. Transsion | 94.9 | 8.1% | 72.6 | 6.0% | 30.8% |
| Others | 361.8 | 31.0% | 377.2 | 31.3% | -4.1% |
| **TOTAL** | **1,166.9** | **100.0%** | **1,205.9** | **100.0%** | **-3.2%** |

Source: IDC Worldwide Quarterly Mobile Phone Tracker, January 15, 2024

Umuman alanyňda, 2023-nji ýylda jemi 1,16 milliard smartfon müşderilere ýetirildi. Bu bolsa geçen ýyldakydan 3,2 göterim azdyr. Analitikler 2024-nji ýylda smartfon satuwynyň geçen ýyldakydan has ýokary boljakdygyna ynanýarlar.

IDC, şeýle hem 2010-njy ýyldan bäri «Samsung»-yň smartfon satmakda ilkinji gezek birinji orundan aşak düşendigini belleýär. 2010-njy ýylyň ahyrynda smartfon söwdasynda «Nokia» birinji ýerdedi, «Apple» hatda ilkinji bäşlige-de girmändi.



Taýýarlan: Bägül BEGLIÝEWA, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.



## DÜNÝÄDÄKI IŇ ULY KRUIZ GÄMI ILKINJI SYÝAHATA TAÝÝAR

*«Icon of the Seas» atly kruiz laýneri eýýäm Maýaminiň kenaryna bardy*

«Royal Caribbean» kompaniýasynyň ýasan dünýädäki iň uly kruiz gämisi bolan «Icon of the Seas» iki hepde mundan öň Maýami portuna bardy. Gäminiň barmagy mynasybetli, ýangyn söndüriji katerlerde feýerwerkler atylyp, kruiz laýner asmanda uçar uçuşlary bilen garşylandy, şeýle-de Perez sungat muzeýinde baýramçylyk dabarasy guraldy.

### Peteklериň bahasy 1723 amerikan dollaryndan başlaýar

Ägirt uly gämi 27-nji ýanwarda Karib deňzine 7 günlük ýüzüşe çykmaga taýýarlanýar. Gäminiň 20 palubasy bolup, uzynlygy 365 metrdir. «Icon of the Seas» dünýädäki iň uly gämi bolup, ol «Wonder of the Seas» gämisinden (362 metr) liderlik täjini almagy başardy.

Gämi sekiz «etrapça» bölünýär, olaryň hersi dynç alynýan ýerlere, güýmenje we lezzetli tagamlardyr içgilere baý. Bu ýangyç hökmünde suwuklandyrylan gaz ulanylan ilkinji gämidir. Gämi 5610 adama niýetlenen 2805 kaýuta bilen üpjün edilen. Ekipaž 2350 adamdan ybarat. Gämide köp sanly dükan we jakuziler, şeýle hem 40 sany restoran, akwapark, hatda suw çüwdürimli konsert zaly-da bar.

Gämi 7 sany basseýn we 6 sany suw typançagy bilen enjamlaşdyrylandyr. Kruiz laýneri iň beýik şarlawuk, iň beýik suw typançagy, iň uly akwapark we gämide gurnalan ilkinji asma howuz bilen hem tapawutlanýar.

«Royal Caribbean»-yň flotuna ýene-de iki gämi goşular — biri 2025-nji ýylda Kanaweral portundan ýüzüşe başlajak «Star of the Seas» atly gämi, beýlekisi bolsa 2026-njy ýylda ulanyşa berler.

Taýýarlan: Parahat ATAÝEW, Türkmenistanyň Serhet institutynyň talyby.



## Geýtsiň gaznasy 2024-nji ýylda pes girdejili ýurtlaryň durmuşyny gowulandyrmak üçin, 8,6 milliard amerikan dollaryny haýyr-sahawata sarp eder

«Reuters»-iň habar bermegine görä, Bill we Melinda Geýts gaznasy Covid-19 pandemiýasy sebäpli maliýe kynçylygyna uçran pes girdejili ýurtlaryň durmuşyny gowulandyrmak maksady bilen, 2024-nji ýylda 8,6 milliard amerikan dollaryny haýyr-sahawata sarp eder.

Geýtsiň maşgala gaznasy şu ýylky býujetini geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 4 göterim, 2021-nji ýyldakydan bolsa 2 milliard artdyrdy. Täze maliýeleşdirmegiň bir bölegi hökmünde gazna 2030-njy ýyla çenli ömrüni halas edip biljek millionlarça adamyň saglyk ulgamy babatda haýyr-sahawat bermegi maksat edinýär.

**Milliarder Bill Geýts:**

«Saglygy goraýşyň geljegi barada gürleşmezden, adamzadyň geljegi barada gürleşip bilmeris».

Taýýarlan: Ylýas JUMAÝEW, TDBGI-niň talyby.

Mercedes-Benz

### 2023-nji ýyldaky satuwy 2022-nji ýyldaky ýaly boldy



«Mersedes-Benz AG» 2023-nji ýylda 2,043,8 müň awtoulagyny satdy. Bu görkeziji 2022-nji ýyldaky (2,040,7 müň awtoulag) görkezijä golaýdyr.

Ýewropada 659,4 müň awtoulag (7 göterim ösüş), şol sanda Germaniýada 234,3 müň awtoulag (9 göterim ösüş) satyldy. Aziýada satuwlar 963,8 müň bolup, 2 göterim peseldi, şol sanda Hytaýda 737,2 müň satylyp, 2 göterim peseldi. Demirgazyk Amerikada awtoulag satuwy 1 göterim, 339,5 müňe, dünýäniň galan böleginde — 9 göterim azaldy we 81,1 müňe ýetdi.



## 2023-nji ýylda rus awtoulag bazaryndaky karzlaryň, takmynan, 60 göterimi täze hytaý markalary üçin alyndy



WTB-niň maglumatlaryna görä, awtoulaglary karz alýanlaryň Hytaýda öndürilen ulaglara bolan islegi 4 esse ýokarlandy. 2023-nji ýylyň ahyrynda bank tarapyndan çykarylan täze awtoulaglar üçin 10 karzdan 6-sy diýen ýaly, Hytaý markalary üçindir.



Umuman alanyňda, 2023-nji ýylyň ahyrynda rus bazarynda awtoulag karzlarynyň satuwy 1,5 trillion rubldan gowrak boldy. Bu görkeziji 2022-nji ýyldakydan 2 esse köp. WTB 2024-nji ýylda täze awtoulag bazarynyň giňemegi netijesinde, awtoulaglar üçin karz berilmeginiň has-da artjakdygyny çaklaýar: bankyň çaklamalaryna görä, ösüş geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 10 göterime ýetip biler.

Taýýarlan: Ilşat ROZYÝEW, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.

## 2023-nji ýylda TÜRK PISSESI 96 ÝURDA IBERILDI

Türkiye pisse öndürmekde we eksport etmekde uly kuwwata eýedir. Bu ýurtda pisse, esasan, Şanlyurfa we Gaziantep welaýatlarynda ösdürilip ýetişdirilýär. Günorta-gündogar Anadoly eksportçylar birleşiginiň habaryna görä, ýurtda 2022-nji ýylda 179,695 million dollarlyk pisse eksport edildi.



Geçen ýyl 96 ýurda, şol sanda Germaniýa, Italiýa, Yrak, Gyrgyzystan, Hytaý, Täjigistan, Angliýa, Albaniýa, Katar, Hindistan, Türkmenistan, Şweýsariýa, Ispaniýa, Polşa, Malta, Gana, Ýaponiýa, Kuba we Rumyniýa ýaly ýurtlara eksport edildi. «BazaarTimes»-iň habaryna görä, Türkiýe pisse eksportyndan geçen ýyl 151,57 million dollar girdeji gazanypdyr. Pissäniň köpüsi Germaniýa eksport edildi. 2023-nji ýylda Türkiýe Germaniýa, takmynan, 36 million dollarlyk pisse eksport etdi. Soňra 22,46 million dollarlyk möçberinde Italiýa, 12,62 million dollar möçberinde hem Yraga eksport edilipdir.

Taýýarlan: Rozymuhammet ARTYKOW, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Ýolöten etrap birleşmesiniň başlygy.

## 2023-NJI ÝYLDA MOLDOWA MIWELERIŇ EKSPORTYNY 82 GÖTERIM ÝOKARLANDYRDY



2023-nji ýylda Moldowadan erigiň, üljäniň, alçanyň we şetdalynyň eksporty 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 82 göterim ýokarlandy. Bu maglumaty wise-premýer, ykdysady ösüş we sanlylaşdyrma ministri Dumitru Alaýba MOLDPRES-de beýan etdi.

Onuň sözlerine görä, bu miweleriň eksporty 81 million amerikan dollaryndan gowrak boldy. Eksportyň 61 göterimi Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlara iberildi. Moldowanyň miweleriniň esasy bazarlary Rumyniýa (16 göterim), Polşa (12 göterim), Germaniýa (10 göterim), Latwiýa (4 göterim) we Gollandiýa (3 göterim).

Şeýle-de 15 fermerden ybarat bolan topar şu ýyl Italiýa funduk eksportynyň ilkinji tapgyryny ugratdy.

Taýýarlan: Erkin BEKIÝEW, TDBGI-niň talyby.

Hytaýyň resmi habarlar agentligi 2023-nji ýylda ýurduň jemi içerki önüminiň, takmynan, 5,2 göterim ösendigini habar berdi.

2023-nji ýylyň jemi boýunça Hindistanyň altyn importy 16 göterim ýokarlanyp, 42,58 milliard amerikan dollaryna deň boldy.

# Jemgyýetçilik iýmiti





Jahantäç ÖWEZOWA,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby, «Biznes reklama».

**«Kofäni özümi söýşüm ýaly söýýärin: güýçli, süýji we ýyly mähirli. Mende kofe bilen bagly mesele ýok. Tersine, durmuşymda kofe bolmasa, kynçylyk döreýär. Oýanyp, kofäniň ysyny alanyňdan soň, gaýtadan uklamak juda kyn.**

## STARBUCKS

*2023-nji maliýe ýylynyň esasy görkezijileri*

Dünýäniň iň öňdebaryjy kofehana tory bolan «Starbucks» korporasiýasynyň 2023-nji maliýe ýylynyň jemleri boýunça dükanlarynyň söwdasynda ortaça 8 göterim ösüş gazanyldy. Arassa girdejisi 36 milliard amerikan dollary ýa-da 14 göterim ýokarlandy. Her bir paýnamadan alan girdejisi 3,58 amerikan dollaryna deň boldy. Bu görkeziji 2022-nji maliýe ýyly bilen deňeşdirilende, 27 göterim ýokarydyr. 1971-nji ýyldan bäri hereket edýän «Starbucks» korporasiýasynyň häzirki wagtda 38 038 sany dükany bolup, olarda 402 müň hünärmen zähmet çekýär.



## Belki, «Bazettide» duşuşarys?!





Dostlarymyzyň arasynda ýoň bolupdyr şeýle diýmek. Çünki «Bazetti» dostlugyň, dostlaryň duşuşýan ýeri hökmünde öňe çykýar, özüne çekýär. Bir gezek baran adamyň mydamalyk kofe içýän, kitap okaýan mekanyna öwrülýär otyryberýär. Biz-ä indi dostlarymyzy göresimiz gelse, «Bazettä» baraýýarys.

Ýurdumyza kofe medeniýetini getiren «Bazettiniň» kofelerini tagamy diýjekmi, süýjülikleri diýjekmi, ýa bolmasa, interýer dizaýny, garaz, barmaga sebäp tapylýar. Iň esasy aýratynlygy bolsa dünýä ýüzündäki «dostlarymyzy» bir ýere jemlemegi. Hawa, kofehananyň diwar tekçelerinde dünýä edebiýatynyň nusgalary garaşyp otyr. Kitaphana kemi ýok.

Kofehananyň tagamnamasynda kofeler bilen hatarda, süýjülikler, pizzadyr naharlaryň birnäçe görnüşi hem ýer alýar. Onda näme, iň halaýan çeper eseriňi saýla, al. Iň halaýan kofäňi buýur, iç. Mundan ötri näme gerek diýsene!

## Bazetti kofesi indi ýurdumyzda hem öndürilýär




Bazetti gözbaşyny, barýp-ha, XX asyryň başynlaryndan, italýan kofe medeniýetinden alyp gaýdýar. Bu günki gün bazetti kofeleri dünýä halklarynyň gündelik içgisine öwrüldi.

Ýurdumyzda hereket edýän «Bazetti» kofehanasynda Ýewropanyň we Italiýanyň hil derejesinde bazetti kofeleri öndürilýär. Olardan «Special Blend» (100 göterim arabika), «Tropical Treasure» (80 göterim arabika, 20 göterim robusta), «Barista Art» (70 göterim arabika, 30 göterim robusta), «Exotic Crema» (60 göterim arabika, 40 göterim robusta) görnüşlerini aýdyp bileris. Ýeri gelende bellesek, çig däneler Kolumbiýa, Gonduras, Braziliýa, Uganda, Efiopiýa, Guatemala ýaly ýurtlardan getirilýär.

## «Ruhubelent» hem ýanyňyzda, hem Bitarap Türkmenistanda



Sözbaşynyň näme diýjek bolýanyny «Ruhubelendiň» tagamyndan dadanlar bilendir. Hawa, «Ruhubelent» kafesi ýanyňyzda — çünki süýji naharlaryndyr işdäaçarlaryny şäheriň islendik ýerine gyzgyny bilen eltip berýär. Şeýle-de paýtagtymyz Aşgabadyň Bitarap Türkmenistan şaýolunda ýerleşýän döwrebap äheňde bezelen binasynda müşderilerini garşy alýar.

Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine degişli bolan «Ruhubelent» kafesi her gün sagat 10:00-dan 22:00-a çenli hereket edýär. Bu ýerde eli süýji aşpezler tarapyndan pizza, pide, şaşlyk, somsa, fitji, şeýle-de çorbadyr işdäaçarlaryň onlarça görnüşi taýýarlanylýar. Mundan başga-da, kafeniň tagamnamasynda çörek, lawaş, tombik, palaw üsti ýaly dönerler hem bar. Kafeniň tagamnamasyndaky birnäçe tagamlaryna dürli aksiýalary yglan edendigini hem bellemelidiris.



## «Pizza88»: Tagamlarymyzyň syry goşundylaryň hilinde we olary ulanmagyň ussatlygynda

Siz, heý, ýaňyja peçden çykan pizzanyň ýakymly ysy gelip, işdäňizi açýan kafeniň deňinden geçip gördüňizmi? Diýseň maýyl ediji täsiri bar. Ynanmasaňyz, Parahat 4 ýaşaýyş jaý toplumynda, N.Andalyp şaýolunyň ugrunda ýerleşýän «Pizza88» kafesine baryp görüň! Tagamnamada 13 dürli pizzanyň ýany bilen ertirlikler, çorbalar, işdäaçarlar, gyzgyn naharlar, pideler, tiz tagamlar, süýjülikler, gyzgyn we sowuk içgiler hem ýer alýar.

«Pizza88»-iň tagamlaryny internet platformalarynyň üsti bilen hem onlaýn sargyt edip bolýar. Tölegler nagt we nagt däl görnüşinde kabul edilýär.

Gowy nahar diňe bir beden üçin däl, eýsem, ruh üçin hem iýmitdir.



## «Şabaz» — Ýewropa aşhanasynyň kofe bilen duşuşan ýeri




Şeýle soragdan başlaly: Öçügsi çyranyň astynda kofäniň beýnä ýakymly ysyna melul bolup, iň meşhur jaz aýdymlaryny diňläp gördüňizmi? Eger-de «ýok» bolsa, haýal etmän «Şabaza» gidiň! Öçügsi çyra, kofe, jaz aýdymlary — bularyň ähli-si paýtagtymyzyň Parahat 2 ýaşaýyş jaý toplumynda ýerleşýän «Şabaz» kofehanasynda jemlenen.

Mundan başga-da, müşderiler «Şabazyň» üsti bilen Ýewropa aşhanasy bilen tanşyp bilerler. Has dogrusy, bu ýerde müşderilere kafeniň aşpezleri tarapyndan ýörite taýýarlanylýan italýan peýniri mozzarella bilen baýlaşdyrylan köp görnüşli pizzalar, burgerler, iňlis we fransuz süýjülikleri hödürlenilýär. Şeýle-de eli süýji aşpezler tarapyndan türkmen aşhanasyna degişli kakmaçdyr çorbalar taýýarlanylýar.

Baristanyň ýokary ussatlyk bilen taýýarlaýan kofeleri Braziliýa, Efiopiýa, Kolumbiýa, Gonduras, Meksika, Kamerun ýaly ýurtlardan çig däne görnüşinde getirilýär. Ýeri gelende, gowrulan kofe görnüşleriniň 250 gram we 1 kilogramlyk ýörite gaplara gaplanylyp satylýandygyny aýratyn bellemelidiris.




Häzirki wagtda «Şabazyň» Parahat 3 ýaşaýyş jaý toplumynda hem bir bölümçesi hereket edýär. Ýakyn günlerde bolsa paýtagtymyzyň «Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy» söwda merkezinde «Şabaz» kofehanasynyň ýene bir nokady peýda bolar.



## Aram tapylýan duralga

Dynç almak adamyň önjeýli zähmet çekmegi üçin iň zerur närseleriň biri. Dynç almak pikir dagynyklygyny bir ýere jemleýär, adamyň fiziki taýdan sagdyn bolmagyna getirýär. Şunda kafedir restoranlar ýadawlykdan açmakda örän gowy çykalga bolup durýar. Diýilýär-ä: «Bir bulgur kofäniň kyrk ýyllyk ýatlamasy bar». Täsin ýatlamalary oýarmakda hem-de durmuşyňa ýatda galyjy günleri bagyş etmekde «Aram Lounge» kafesi hem iň ajaýyp duralgalaryň biri.

Paýtagtymyzyň Parahat 7 ýaşaýyş jaý toplumynda ýerleşýän «Aram Lounge»-niň tagamnamasy 80-den gowrak nahary, 15-e golaý süýjüligi, sowuk hem-de gyzgyn içgileri öz içine alýar. Baristalaryň hödürleýän kofeleri «Bazettiniň» öndürýän önümleridir. Bu ýerde müşderileriň gowy dynç almaklary üçin her aýda 3-4 gezek hem-de baýramçylyk günlerinde meşhur aýdymçylar tarapyndan aýdymlaryň janly ses bilen ýerine ýetirilmegi hem bellenilmäge mynasypdyr.



1971-nji ýyldan bäri hereket edýän «Starbucks» korporasiýasynyň häzirki wagtda 38 038 sany dükany bolup, olarda 402 müň hünärmen zähmet çekýär.

Ýurdumyzda hereket edýän «Bazetti» kofehanasynda Ýewropanyň we Italiýanyň hil derejesinde bazetti kofeleri öndürilýär.

# Üstünligiň taglymaty

www.br.com.tm

terjime tekjesinden




## Nädip ynjalyksyzlygy bes etmeli we ýaşap başlamaly

(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).



Deýl KARNEGI

Terjime eden: Orazmyrat MYRADOW.

### 27. Ýadawlygyň, ynjalyksyzlygyň we öýke-kine duýgusynyň döredýän içgysgynçlygyndan nädip saplanmaly

Ýadawlygyň iň esasy sebäpleriniň biri içgysgynçlykdyr. Bu sözümize mysal hökmünde siziň bilen goňşuçylykda ýaşaýan Alisa atly ýaş gyzy alyp göreliň! Alisa kontorada işleýär we öýüne ýadaw halda dolanyp gelýär. Bir gezek agşamara ol halys mejalsyz halda öýüne gelipdir. Ol jögülik hem edenok. Çyndanam, juda ýadapdyr. Kellesi agyrýar, bili hem yza berip, biynjalyk edýär. Süňňünde halys gurby galmansoň, agşamlyk naharyny-da iýmezden ýatmakçy bolýar. Diňe ejesiniň tutanýerlilik bilen özelenmegi ony saçak başyna geçmäge mejbur edýär. Şol wagt telefon jyrlaýar. Bu onuň tanyş ýigidi! Ýigit gyza tansa gitmegi teklip edýär! Sesini eşidenden gyzyň gözleri uçganaklaýar, keýpi bolsa göterilip, asmana ýeteňkirleýär. Ol eglenmän ýokaryk çykyp, iň oňat toý köýnegini geýip, gije sagat üçe çenli tans oýnaýar. Öýüne gaýdyp gelende hem, ol şähdaçyk, keýpiçag halda. Heýjanly haldan ýaňa, hatda ukusy hem tutanok.

Belki, sekiz sagat ozal Alisa ýadan kişi bolandyr, kellagyry hem özüniň ugruna seredilmegini isleýändigi üçin tapylan bahanadyr?! Ýok, beýle däl! Ol, hakykatdanam, juda argyndy, sebäbi iş, ähtimal, durmuşyň özi hem onuň ýüregine düşüpdi. Şeýle Alisalar millionlarça. Belki, sizem şolardan birisiňiz.



Ýadawlygyň, köplenç, adamyň fiziki dälde, emosional ýagdaýy bilen baglydygy lukmançylyga öňräkden bäri belli. Birnäçe ýyl ozal «Psihologik arhiwler» almanahynyň sahypalarynda içgysgynçlygyň adamyň ýadawlygyna ýetirýän täsirini göz-görtele subut eden tejribeler yzygiderligi barada Jozef E.Barmakyň doklady peýda boldy. Doktor Barmak talyplaryň bir toparyndan geçirjek synaglaryna gatnaşmaklaryny haýyş edipdir, ol talyplara bu iş bütinleý gyzykly däl eken. Netije nähili bolduka? Bahym talyplar özlerini ýadaw duýupdyrlar, köpüsiniň ýatasy gelipdir, ýene birleri kellagyrydan we gözleriniň awuşaýanlygyndan nalapdyr, üçünji birleri bolsa kejigip, bolmajysy bolupdyr. Käbiriniň-ä hatda aşgazanynda-da näsazlyk duýlupdyr. Şunda diňe olaryň hyýaly göz öňüne getirişi sebäpkärdir öýdýärsiňizmi? Ýok. Talyplaryň metabolizmi (bedendäki madda çalşygy) barlagdan geçirilipdir. Şol barlagyň netijesine görä, içgysgynç halda galan adamyň gan basyşynyň peselýänligi we gandaky kislorodyň azalýanlygy belli bolupdyr. Ýöne eger ol edýän işinden lezzet alsa we kanagat tapsa welin, ondaky madda çalşygy mese-mälim ýokarlanýar!

Özümiz üçin gyzykly hem ýakymly zat edýän çagymyzda biz seýrek ýadaýarys. Mysal hökmünde ýakynda Kanadanyň Gaýalyk daglaryndaky Luiz kölüniň kenarynda geçiren dynç alyş günlerim barada gürrüň bermek isleýärin. Gepiň küle ýeri, birnäçe günüň dowamynda Korel-Krik derýasynda azatmahy balygyny tutdum. Her gün adam boýundanam ösgünräk gyrymsy agaçlaryň arasy bilen, ýykylan agaçlaryň töňňedir çybyklaryna büdräp-sürşüp esli ýöremeli bolýardym. Ýöne sekiz sagatlap şeýle halda selpesemem, asla ýadawlyk duýamokdym. Näme üçin? Sebäbi awumyň şowlamagyndan begenip, uçaýjak bolýardym. Nädip begenmäýin — torbamda alty sany lakga balyk ýatyrdy ahbetin! Nähili pikir edýäňiz, balyk tutmak meni irizen bolsa, halym niçik bolardy? Dogry. Şeýle derejede özüme fiziki agram salmak, üstesine-de, bu ýagdaýyň deňiz derejesinden iki kilometr belentlikde bolmagy meni bigüman göre dykardy!

Hatda gaýa dyrmaşmak ýaly sportuň agyr görnüşinde-de, köplenç, bedenimiziň myşsalaryna fiziki agram salynmagy sebäpli däl-de, adaty içgysgynçlyk bilen bagly ýadawlyk basmarlaýar. Minneapolisdäki Oba hojalyk we senagat amanat bankynyň prezidenti, jenap S.H. Kingmen maňa bir wakany gürrüň beripdi, bu meniň ýaňky sözümiň dogrulygyny görkezýän jaýdar mysal bolup biljek. 1953-nji ýylyň iýulynda Kanadanyň hökümeti Alpinistleriň milli klubuna ýüz tutup, şazada Uelskiniň diwersion polkunyň agzalaryna gaýa dyrmaşmagyň tilsimlerini öwretmek üçin tejribeli instruktorlar bilen üpjün etmeklerini haýyş edipdir. Jenap Kingmen özüniň hem-de ýaşy kyrk bilen elli aralygyndaky beýleki birnäçe instruktorlaryň ýaş harby gullukçylary buz basan hem gar örten meýdanlary torç edip, uzak aralykdaky synaglara alyp gidişleri barada gürrüň berdi. Abanyp duran kert gaýalara ýetenlerinde, olar ätiýaçlyk tanaplaryndan başga diňe aýaklary üçin kiçijek dirençeklerden hem-de elleri üçin kindiwanja ilgençeklerden peýdalanyp, şol uçut gaýalara dyrmaşmaly bolupdyrlar. Olar Kanadanyň Gaýalyk daglaryndaky Maýkl belentligine, Wise-prezident belentligine, başga-da Litl-Ýoho deresindäki atsyz belentlikleriň on-on iki sanysyna dyrmaşypdyrlar. On bäş sagada çeken şunuň ýaly gaýa dyrmaşmalardan soň bu ýaş ýigitleriň hiç birinde-de ýadawlykdan ýaňa ysgyn-deramat galmandyr, ýogsam, olaryň hemmesiniň hem beden taýdan seýislenme kemi galmandyr eken — diwersion bölümçelerinde ýap-ýaňy alty hepdelik taýýarlyk derslerini geçen ekenler.

Belki-de, olar gaýa dyrmaşmak bilen, diwersion taýýarlyk derslerinde türgenleşdirilmedik myşsalaryna aşa agram salandyklary sebäpli ýadandyrlar? Şeýle derslere gatnaşyp gören her bir kişi, bu sowala jogap hökmünde, ýüzüňize bakyp ýylgyraýar! Hakykatda, olaryň öte ýadamaklarynyň asyl sebäbi, gaýa dyrmaşmagyň olar üçin içgysgynç ýagdaý bolanlygy bilen baglydyr. Olaryň köpüsi halys ysgyndan gaçyp, agşamlyk naharyny hem iýmän ýatmak bilen bolupdyr. Olardan iki, hatda üç esse ýaşy uly bolan instruktorlar nätdikä? Olar hem ýadadylarmyka? Hawa, emma ýönekeý ýadawlyk, ysgyn-mydardan gaçmak däl. Instruktorlar arkaýyn agşamlyk naharyny edinipdirler, soňra gün içinde bolan-goýan zatlaryň maslahatyny edip esli sagatlap ot başynda-da oturypdyrlar. Olaryň ýadamandyklarynyň sebäbi uzynly gün meşgul bolan işleriniň özleri üçin gyzyklydygynda.

Kolumbiýa uniwersitetinden doktor Edward Torndaýk ýadawlygyň sebäplerini ýüze çykarmak boýunça tejribeleri geçiripdir, onuň synaglaryna gatnaşýan ýaşlar tutuş hepdäni diýen ýaly ukusyz geçiripdirler. Munuň sebäbi bolsa gyzykly iş bilen meşgul bolýandyklaryndadyr. Aýtmaklaryna görä, özüniň tejribelerini tamamlanyndan soň doktor Torndaýk şeýle diýipdir: «Zähmet önjeýliliginiň pese gaçmagynyň hakyky sebäbi içgysgynçlyk, diňe içgysgynçlyk bolup durýar».

Eger siz akyl zähmeti bilen meşgullanýan bolsaňyz, ýadawlyga edilen işiň mukdarynyň täsir ýetirmeýänligini bilýänsiňiz. Oňa siziň etmäge ýetişmedik işiňiziň mukdary täsir edýär. Geçen hepdede bir gezek işden ünsüňizi sowuşlaryny ýada salyň! Şonuň netijesinde siz hatlara jogap beren dälsiňiz, işewür duşuşyklaryň hem birnäçesini goýbolsun edensiňiz! Ýakymsyz ýagdaýlar ähli tarapdan üstüňizi basmarlandyr. Şol günüňiz dolulygyna püçege çykandyr. Oňly bir bitiren goşuňyzyň bolmanlygyna garamazdan, öýe lütüňiz süýnüp, kelläňiz agyryp gelensiňiz.

Ertesi gün edarada ähli zat gülala-güllük bolandyr. Düýnkä garanyňda, kyrk esse köp iş bitirip, öýüňize-de ýadawlyk duýman, keýpiçag halda gelensiňiz. Durmuşyňyzda şunuň kimin ýagdaý hökman bolandyr. Meniň durmuşymda-da şeýle.

Ýokarda aýdylanlardan nähili sapak alyp bolar? Düşnükli zat: ýadawlyk işden däl-de, ynjalyksyzlykdan, lapykeçlikden we kejikmekden döreýär.

Şu bölümiň üstünde işleýän wagtym Jerom Kerniň täze goýan «Ýüzýän teatr» atly ajaýyp komediýasyna tomaşa etdim. Şonda özüniň pelsepewi interlýudiýalarynyň birinde «Gowaça gülüniň» kapitany Endi şeýle diýýär: «Diňe gyzykly iş bilen meşgullanýanlary bagtly diýip atlandyrmak bolar». Hut şeýle. Şeýle adamlar bagtlydyrlar, çünki olaryň durmuşy gyzyklydyr hem dürli ahwallara baýdyr — onda argynlyga hem ynjalyksyzlyga orun ýok diýen ýalydyr. Sebäbi siziň durmuş energiýaňyz gyzyklanýan ugurlaryňyza gönügýändir. Iňre ýanýoldaşyň bilen on kwartal aralygy bile ýöremek, sulhuň alyp, hormat goýýan kişiň bilen on mil ýol geçenden has kyndyr hem irizijidir.

Ýeri, indi näme? Biz bu pikir ýöretmelerden iş ýüzünde nähili haýyr tapyp bileris? Şu pikirlerden mese-mälim haýyr tapan bir stenografiýaçy barada gürrüň bereýin! Gürrüňini edýän gyzym Oklahoma ştatynyň Talsa şäherindäki nebit kompaniýasynda birnäçe ýyllap işlän. Şonça wagtyň dowamynda ol göz öňüne getirip boljak iň bir ýüregedüşgünç iş bilen meşgul bolupdyr, ýagny nebitli ýerleri kärendesine almak hakyndaky şertnamalaryň çaphanada çykarylan nusgalaryny doldurypdyr, olara soňy gelmeýän sanlary hem statistika maglumatlaryny ýazyp çykmaly eken. Ahyry ol bu işden şeýle bir bez bolupdyr, onsoň özüni goramak duýgusy bilen, işini has gyzykly hala ýetirmeli diýen netijä gelipdir. Nädip? Ol her gün öz-özi bilen ýaryşmaga başlapdyr. Ol günortana çenli näçe nusgalygy doldurmak başardanlygyny sanapdyr, iş gününiň ikinji ýarymynda bolsa öňki netijesinden artyk iş etmäge çalşypdyr. Agşamlyk ol tutuş günki işini sanap çykypdyr-da, ertesi gün bu netijesinden hem ozmak üçin jan edipdir. Munuň netijesi nähili bolduka? Tizara ol bu firmanyň stenografiýaçylarynyň islendiginden hem has köp nusgalyk kagyzlary doldurmagy başarypdyr. Şeýle etmek bilen, onsoň ol näme bähbit gazanypdyr? Öwgümi? Minnetdarlykmy? Wezipesiniň ösdürilmegimi? Iş hakynyň artdyrylmagymy? Ýok, ýok, ýok. Oňa derek içgysgynçlygyň döredýän ýadawlygyndan saplanmagy başarypdyr. Öz-özi bilen oýun oýnamagy onuň üçin özbolușly bir psihiki höweslendiriji bolupdyr. Iriziji işini gyzykly ýaryşa öwürmek başardan badyna, onda has köp energiýa hem hyjuw döräpdir. Ol özüniň boş wagtyndan hem has köp lezzet alypdyr.

Ynanaýyň, bu gürrüňim — hakykat. Çünki men hut şol gyza öýlendim ahbetin.

*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

Bagt bilen betbagtlygyň, begenç bilen gynanjyň arasynda tapawut goýulmaýan ýerde ýagşylyk bilen ýamanlygyň hem arasynda şert goýulmaýar. L.Feýerbah

Adamzat durmuşynyň maksady adamlara hyzmat etmekden, olaryň durmuşyna gatnaşmakdan we olara kömek etmekden ybaratdyr. A.Şweýser

# Gözýetim





**Nobatguly REJEBOW,**
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.



## *Göwherim*

Göwher... Göwher... Göwherim!
Gör, men sizi näçe ýyllap gözledim,
Didäm ýaşlap, jiger-bagrym çäk edip!
Aýlanyp Diýaryň şäher kendini
Hem Geçmişe,
Hem-de Geljege gidip!

Gijelerne düýşlerimden gözledim,
Gündiz hyýal-huşlarymdan gözledim,
Köl boýuna gonup, hüýre öwrülýän,
Ertekileň guşlaryndan gözledim.
Perimi sen,
peýkermi sen,
hüýrmi sen,
Dünýäň yklymlaryn, ýurtlaryn söküp,
Sen ýaly näzenin gyzy görmedim!
Nije ýyllap ahy-zaryňy çekip,
Seni tapyp bilmedim men, Göwherim!

Gör, sen nirde gezip ýören ekeniň?
Sen bir ahu gözli jeren ekeniň.
Eý, Allam!
Maňa niçik bagty beren ekeniň,
Kerem ekeniň-ow, kerem ekeniň!

Eý-ho, arşy aglaň Humaýymy sen?
Ýa-da ýşk-heseriň Hudaýymy sen?
Kerem-keramatmyň, gudratmyň, Göwher?
Her bakaňda endam-janym jigleýär!
Her bakaňda sämäp aýlanýar kelläm!
Asmanda sergezdan kometa ýaly,
Hem ýanyp,
Hem ýakyp-ýandyryp gelýän!

Sen melekmiň,
melikemiň,
hüýrmüň sen,
Ataşmyň, çyragmyň,
barkly nurmuň sen?
Sen ýanymda durmanmydyň ýaňja-da,
Eýýäm nädip gursagyma girdiň sen?
Dar hanasna sygman çyrpynýan çaý deý,
Gursagymda ýyldyrymlap dursuň sen!...

## *Şahyr goňşularyma*

Dünýä artyk berýän däldir hiç zady,
Kemmagal bolmasaň bermezem ol kem.
Oturşalyň, dostlar,
gülşeliň baky,
Beýle bir kemmagal däldiris, belkem!

Şatlygmyzy paýlaşdyk biz pul ýaly,
Çekişdik gam ýüregmizi aýaman.
Bize «geldigeçer» diýdi panylar,
Bimanylar diýdi bize «eý, aman!»

Işledik düýbüne ýetmäge işiň,
Ýazdyk, şygyrlarmyz gögerdi ýerden.
Ýöne dünýä uly,
Ýöne dünýä giň,
Ony şygyr bilen düzedäýerden.

Belkem, ýaş öleris,
belkem, biz...
ýöne,
Galmaz kalbymyzda bir zerre arman.
Çünki ölmeris biz tutuş bir ömre,
Berlen ähli güýjümizi gutarman.

## *Haýyşym: kalbyňy arassa sakla!*

Haýyşym: kalbyňy arassa sakla,
Seniň gör nähili ajap kalbyň bar.
Ýagtylýar ol gökde ýyldyrym çaksa,
Ýeke söze umman bolup tolkunýar,
Salkynlar ol. Kalbyňy arassa sakla,
Sakla ony desterhan deý päkize.
Sen iýen päkize çöregiň hakla,
Bugdaý sözüňi diý kalby päk ile.

Haýyşym: kalbyňy howaly sakla,
Badalgaňdyr haýyň gaçyp geleňde.
Hiç bolmanda, pes işinden jahanyň,
Bet işinden göter ony belende.

Haýyşym: kalbyňy juda giň sakla,
Giň dünýede darlyk gelişmez, ynsan,
Kalbyň — bu dünýäden gaçybatalga,
Hem saňa zyndan!

Haýyşym: kalbyňy juda giň sakla,
Oňa asman bilen zemin ýerleşsin.
Dymyljan ruhuňy täzeläp her dem,
Ýagyş geçsin,
ýagmyr geçsin,
ýel geçsin!
Haýyşym: kalbyňy arassa sakla,
Zeý basan toprakda boý alar ýylgyn,
Zeý alan toprakda baýnamaz çynar.
Sen içden çüýredip başlasaň kalbyň,
Soň ýhlas ediber,
gögermeýär är!
Hapa kalpda gögermeýär ideal,
Mukaddeslik.
Kalbyň jadyly guşdur.
Ol ýerde ýaşaýar şeýle bir hyýal,
Ol senem göterip asmana uçsun.
Haýyşym: kalbyň juda baý sakla,
Egsilmez baýlykdyr könül söýgüsi.
Dünýäň hazynasyn berseňem hatda,
Halas edip bolmaz ruhy göýdügi.
Haýyşym: sen kalbyň sarpasyn sakla,
Baýdagyňdyr seniň howaly ruhuň.
Horluk eýläp gara güýjüňe bakma,
Goşun basgy tapar,
ýykdyrsa tugun!

Ýaş bilen ýuw, agyr bolsa täleýiň,
Kalbyňy gam bile gussaňa tendir.
Ol dirikäň keşt eýlejek älemiň,
Ölseň, dolap uçup gitjek kependir.

Seniň gözleriňde kalbyň görünýär
Men oňa gudrata bakan deý bakýan.
Hapasynyň ýetik mahaly dünýäň —
Haýyşym: kalbyňyz arassa saklaň!!!

## *Epitafiýa*

Goýma gara daşy sen guburymyň üstünde,
Gara Günüň astynda besdir çeken ejirim.
Eger ýatlap baraýsaň mazarymyň ýanyna,
Ýekeje setir şygrym düşse seniň ýadyňa
Mazaryma ýazgy bor şol ölmedik setirim.



Plutarh
(takmynan, 45 — 50 — 120ý.)

**Suhangöýlügiň güýji az sözde köp zady aýdyp bilmekdedir.**

**Isleg bize eýelik edýän zatlarymyzdan peýdalanmaga päsgel berýär.**

**Gaýrat – ýeňşiň başlangyjy.**

**Beden – ruhuň ýaragy, ruh bolsa Taňrynyň.**

**Men eden hereketimi gaýtalaýan dosta mätäç däl, meň hereketimi kölegäm has gowy gaýtalaýar.**

**Özüňizde bar zadyň gymmatyny bilmek üçin ony ýitiren ýagdaýyňyzy göz öňüne getirip görüň.**

**Okuwçy doldurylmaly gap däldir, ol ýakylmaly alawdyr. Alawy bolsa özi ýanýan kişi tutaşdyryp biler.**

**Raýdaşlyk – özgäniň gaýgysyna gyýylmak, göriplik – özgäniň bagtyna gaýgylanmak.**

**Bagtyň hakynda özüňden betbagt adama gürrüň berme.**

**Umyt başga hiç zady bolmadyk adamlarda bardyr.**

**Bagtyýarlykda ýaşamak isleýän adam kanagat edip ýaşamagy öwrenmeli.**

**Mekir dostuň maslahatyny almak altyn jamdan zäher içmek ýalydyr.**

**Agsak bilen dostlaşsaň, özüňem agsap başlarsyň.**



**krossword**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | 2 | | | | | 3 | | 4 |
| | | 5 | 6 | | | 7 | | | |
| 8 | 9 | | | | | 10 | | 11 | |
| | 12 | | | | | | 13 | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | 14 | 15 | | | | | 16 | | |
| 17 | | | 18 | | | 19 | | | 20 |
| | | 21 | | | | | | | |
| 22 | | | | | | | 23 | | |



Düzen: **Muhammetaly ÖWLÝÄGULYÝEW,**
Türkmenistanyň Döwlet energetika institunyň 1-nji ýyl talyby.

## Sowallar

**Dikligine:**

**1.** Kaka (köne söz). **2.** Gulpy açmak üçin demir gural. **3.** Suwuň, howanyň akýan ugry. **4.** Ösümligiň ýerasty damary. **6.** At çalyşmasy. **7.** Ýokarky ujy tüýnüge, aşaky ujy tärime berkidilýän we öýüň üstki bölegini emele getirýän uzyn, inçe agaç. **9.** Gysganç, husyt, gysyk. **11.** Allatagalanyň bir ady. **15.** Kanunlaşdyrylyp kabul edilen düzgün. **16.** Däneli ekin. **17.** Eliň içi. **18.** Nusgawy edebiýatda bilen, bile baglaýjy kömekçisiniň ulanylyşy. **19.** «Hem» manysynda gelýän, ugurdaşlygy görkezýän baglaýjy kömekçi. **20.** Kemsiz bişmek, kemsiz ýetişmek.

**Keseligine:**

**1.** «... daş, ýürek ýakyn» (nakyl). **3.** Otlar, gurçuklar bilen iýmitlenýän gazlar maşgalasyndan bolan uly ala guş, gyzyl ördek. **5.** Agtykdan önen çaga. **8.** Bal, süýji. **10.** Iki belgili san. **12.** ....aň-daraň. **13.** Işliklerde ýokluk bildirýän goşulma. **14.** Jaýyň, haýatyň şemal degmeýän tarapy. **16.** «Müsürde ... bolandan, Kenganda geda bol» (nakyl). **17.** Ýurdumyzda bir welaýat. **19.** «Aýdyjy akmak bolsa-da diňleýji ... gerek» (nakyl). **21.** Elýaglyk (köne söz). **22.** Geregin-den artyk, öte, **23.** Ýiti agyry, azap.

### Gazetiň geçen sanyndaky krosswordyň jogaplary:

**Dikligine:**
**1.** Daniýa. **2.** Apbasy. **6.** Hal. **7.** Çal. **9.** Injir. **11.** Agras. **12.** Ene. **13.** Bal. **15.** Ikindi. **16.** Alabaý.

**Keseligine:**
**3.** Akrap. **4.** Bil. **5.** Bar. **8.** Minara. **10.** Ymarat. **14.** Brundy. **16.** Arassa. **17.** Şir. **18.** Maý. **19.** Derýa.

# РЕЙТИНГ СТРАН ПО ЭКСПОРТУ ТКАНИ:

## топ-20 крупнейших экспортеров текстильной продукции в 2024 году

(по данным ВТО)

### 1. Китай

КНР — крупнейший производитель и экспортер текстильной продукции в мире. На экспорт отправляется несколько видов тканей:

Хлопчатобумажные — хлопок, деним, сатин.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Шерстяные — шерсть, кашемир.

Шелковые ткани и материалы.

Смешанные — шерсть-шелк, хлопок-полиэстер.

Китайские компании поставляют свою продукцию в различные страны мира, включая США, Европу, Азию и другие регионы.

### 2. Индия

Страна отправляет на экспорт разнообразные высококачественные текстильные материалы. При этом экспортный ассортимент индийских тканей велик:

Хлопчатобумажные — хлопок, хлопчатобумажный деним, хлопчатобумажный сатин.

Шелковые — шелк, тафта, чиффон (шифон).

Шерстяные — шерсть, кашемир.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Смешанные — шерсть-шелк, хлопок-полиэстер.

А еще Индия известна своими традиционными текстильными ремеслами, (художественное плетение, блок-печать и вышивка), что добавляет ценности ее текстильной продукции на мировом рынке.

### 3. Германия

Государство поставляет высококачественные текстильные материалы, которые получают высокие оценки благодаря инновационным технологиям, высоким стандартам качества и разнообразию ассортимента. На экспорт Германия отправляет ткани:

Хлопчатобумажные — хлопок, хлопчатобумажный деним, хлопчатобумажный сатин.

Шелковые — шелк, тафта, шифон.

Шерстяные — шерсть, кашемир.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Технические — высокотехнологичные материалы, используемые в автомобильной промышленности, медицинском оборудовании, защитной одежде и других отраслях.

Немецкое текстильное производство отличается высоким уровнем инноваций, автоматизацией процессов и строгими стандартами качества.

### 4. Италия

Качество, стиль, Инновации — вот сильные стороны итальянской текстильной индустрии. Государство отправляет на экспорт следующие виды тканей:

Шелковые — шелк, тафта, шифон.

Хлопчатобумажные — хлопок, сатин, поплин, деним.

Шерстяные — шерсть, кашемир, ангора.

Льняные — технические ткани, применяющиеся в автомобильной промышленности, модной индустрии, спортивном секторе.

Итальянские текстильные компании славятся своим мастерством, традициями и инновациями. Они предлагают продукцию высочайшего качества, сочетая вековые традиции с современными технологиями.

### 5. Турция

Турецкая текстильная продукция известна своим разнообразием, качеством и конкурентоспособными ценами. Основные виды тканей на экспорт:

Хлопчатобумажные — хлопок, сатин, поплин, деним.

Шерстяные — шерсть, кашемир, мохер.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Материалы для текстильной промышленности — ткани для пошива одежды, мебели, постельного белья, штор.

Турецкие текстильные компании славятся передовыми технологиями, высоким качеством продукции и гибкостью в производстве различных видов тканей для отраслей промышленности и модного рынка.

### 6. Бангладеш

Еще один из крупнейших производителей и экспортеров текстильной продукции. Основные виды тканей, экспортируемых из Бангладеша:

Хлопчатобумажные — хлопок, муслин, тафта, деним.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Промышленный текстиль для различных отраслей промышленности.

Государство делает ставку на передовые технологии и инновации в текстильном секторе. Это позволяет поставлять на мировые рынки качественную продукцию различных текстур и свойств.

### 7. США

Американские текстильные материалы тоже получают высокие оценки и по качеству, и по использованным инновациям. США экспортирует три основных вида тканей:

Хлопчатобумажные — хлопок, деним, муслин, фланель, тафта.

Синтетические — полиэстер, нейлон, акрил.

Технические ткани — специальные текстильные материалы, используемые в авиационной, автомобильной, медицинской и других отраслях промышленности.

Особенно высоко ценится американский технический текстиль. Эти материалы имеют высокопрочные волокна, покрытия с защитными свойствами, армированные поверхности.

### 8. Франция

Франция — мировой центр моды и текстильной индустрии. Страна славится своими традиционными методами производства тканей — это ткачество, вышивка, кружевоплетение и окрашивание. Французские компании чтят традиции и поставляют на экспорт высококачественные стильные ткани:

Для модного рынка — шелк, хлопок, лен, шерсть, вискоза.

Для промышленного сектора — специальные ткани с защитными свойствами, сукно для спортивной одежды, текстильные материалы для автомобильной и авиационной промышленности.

Но не только утонченным дизайном известны французские ткани. Местные компании довольно активно развивают экологически устойчивые методы производства текстильных материалов — использование органических волокон, натуральных красителей, соблюдение строгих стандартов по охране окружающей среды.

### 9. Япония

Страна использует невероятные высокотехнологичные методики в текстильной промышленности — ультразвуковая сварка, нанотехнологии для создания функциональных тканей, специальные методы окрашивания и обработки. Японские ткани отличаются прочностью, долговечностью и устойчивостью к износу. Поэтому они популярны не только в модной индустрии, но и в производстве спортивной одежды, автомобильных обивок, мебели.

На экспорт отправляется кимоно-шелк, хлопок с традиционными узорами, современные дизайны для одежды, аксессуаров и интерьерных решений. Для их производства используются экологически чистые методики — использование органических волокон и натуральных красителей, сокращение отходов и энергосберегающие технологии.

### 10. Вьетнам

Страна поставляет на мировые рынке качественный разнообразный текстиль по конкурентоспособным ценам. Дело в том, что во Вьетнаме очень развита текстильная промышленность. Высокие производственные мощности позволяют обеспечить масштабные экспортные поставки хлопчатобумажных, полиэстеровых, нейлоновых, шелковых и других тканей. Многие компании ориентируются на экологически чистые методы производства и предлагают сертифицированные материалы.

### 11. Гонконг

Гонконг является центром инноваций в области текстильного дизайна и производства. Местные компании специализируются на разработке уникальных современных дизайнов тканей, активно внедряют передовые технологии и методы производства. Благодаря этому гонконгские ткани ассоциируются с высокими стандартам качества. Отдельно отмечают гибкий производственный подход — заказ тканей по пожеланию заказчика, возможность разработки индивидуальных дизайнов.

На экспорт отправляют хлопчатобумажные и шелковые ткани, шерстяные материалы, синтетические волокна. Благодаря удобному географическому положению, Гонконг обладает развитой логистической инфраструктурой, что облегчает экспорт в различные страны мира.

### 12. Республика Корея

Южнокорейские текстильные компании не отстают по инновациям, качеству и высокотехнологичным процессам. Цифровая печать, футуристические дизайны, новейшие технологии обработки тканей привлекают покупателей со всего мира. Особенно высоко ценятся хлопчатобумажные и шелковые ткани, синтетические волокна, специализированный текстиль для различных отраслей промышленности. Здесь также готовы предложить услуги по индивидуальному производству тканей по потребностям клиентов.

### 13. Нидерланды

Текстильная промышленность Нидерландов имеет долгую историю. Здесь виртуозно сочетают вековой опыт с инновациями и экологически чистыми методами производства. Производители широко применяют цифровую печать, инновационные методы окрашивания. На экспорт отправляют хлопчатобумажные, льняные, шелковые ткани, а также технический текстиль.

### 14. Великобритания

Богатое наследие в области текстильного производства отличает и Соединенное Королевство. Британские ткани — это про утонченный дизайн, выдающиеся инновации, уникальные технологии и высокие стандарты качества. Страна поставляет на экспорт шерсть, шелк, хлопок, синтетику, специализированные ткани для различных отраслей промышленности.

### 15. Испания

Испанские текстильные компании славятся своим мастерством и опытом, который передается из поколения в поколение. Качество, дизайн, традиции, высокотехнологичное производство, позволили стране занять достойное место в рейтинге мировых экспортеров текстиля. На вывоз идут хлопчатобумажные, шерстяные, льняные, шелковые и синтетические ткани.

### 16. Пакистан

Пакистанские текстильные компании отправляют на экспорт хлопок, шерсть, лен, шелк, синтетические ткани различных цветов, фактур и узоров. Здесь производят не только ткани и готовую продукцию, но и волокна, пряжу.

Дело в том, что Пакистан обладает значительными запасами хлопка, что делает его одним из ведущих производителей хлопчатобумажных тканей. И, следовательно, страна имеет относительно низкие затраты на производство текстильных материалов.

### 17. Бельгия

И производство, и экспорт бельгийских тканей имеет долгую историю. Местные компании специализируются на изготовлении большого ассортимента текстильных материалов — хлопок, лен, шерсть, шелк и синтетические волокна. На вывоз идут ткани с защитой от воды и огня, антибактериальные и другие инновационные материалы.

Они используются в производстве одежды, мебели, постельного белья, аксессуаров, автомобильных сидений, спортивного инвентаря. Ключевыми рынками являются ЕС, США, Китай, Индия, Япония и другие страны Азии.

### 18. Таиланд

Качество, разнообразие, доступность отличают тайские ткани. Здесь поставляют на экспорт хлопковые, шелковые, синтетические, льняные, шерстяные и смешанные материалы. Отдельно выделяют высокотехнологичные ткани — с защитой от УФ-лучей, антибактериальные, водоотталкивающие. Главные покупатели — страны Европы и Азии, Америка и Австралия.

### 19. Шри-Ланка

Шри-Ланка специализируется на производстве и экспорте высококачественных хлопчатобумажных, шелковых, синтетических, льняных и шерстяных тканей. Высокотехнологичные производственные мощности отвечают за разнообразный ассортимент и применение инновационных методик.

### 20. Мексика

Страна поставляет на рынок хлопчатобумажные, шерстяные, синтетические и смешанные ткани разнообразных текстур, цветов и узоров. Покупатели — страны ЕС и Латинской Америки, Япония, Канада и США...

**Согласно данным ВТО, объем мировой торговли текстильной продукцией — более $700 млрд в год. Как выяснила редакция LinDeal, крупнейший производитель и поставщик ткани — Китай. Он занимает более 30 % мирового рынка, экспортируя свою продукцию в более чем 200 стран и регионов. Второе место по праву занимает Индия, которая специализируется на производстве хлопчатобумажных, шерстяных тканей и шелка.**

**Год от года становятся сильнее позиции Бангладеша, Вьетнама и Камбоджи, которые выигрывают за счет низкой стоимости производства и высокого качества продукции. А среди самых значимых тенденций — увеличение спроса на экологически чистые текстильные материалы, что приводит к общему развитию новых технологий и инноваций.**

Страницу на основе интернет-данных подготовил: **Гадам БАЙРАМОВ**, преподаватель Государственного энергетического института Туркменистана.

Китайские компании поставляют свою продукцию в различные Страны мира, включая США, Европу, Азию и другие регионы.

Турецкая текстильная продукция известна своим разнообразием, качеством и конкурентоспособными ценами.

# Горизонт



## Финансовый гороскоп

с 22 по 28 января 2024 года

**Овен** 21.03 - 19.04



Овнам на этой благоприятной неделе можно посвятить время шопингу, чтобы вернуть себе силы и хорошее настроение. Но сумму, которую нужно потратить, лучше выделить заранее, чтобы не оставить в магазине слишком много денег. В конце января возможны денежные подработки, случайные финансовые приходы.

**Телец** 20.04 - 20.05



Кто точно сможет улучшить финансовую сторону жизни, так это Тельцы. С высокой вероятностью на неделе они смогут решить многие денежные вопросы в свою пользу. Также многим Тельцам станет проще искать перспективные дела и проекты. Можно довериться интуиции в финансовых вопросах, чтобы заранее почувствовать, какое дело принесет деньги, а какое убытки. Полезными станут деловые встречи.

**Близнецы** 21.05 - 21.06



Некоторым Близнецам изменить к лучшему финансовое положение поможет знакомство с важным человеком. Такая встреча может произойти в любой момент. Однако искать такого полезного контакта специально не стоит. Он должен сам подвернуться Близнецам при случае. В целом, для работы и бизнеса период весьма благоприятен, а тратиться можно как на покупки для дома, так и на хобби или на будущий отпуск.

**Рак** 22.06 - 22.07



Ракам с высокой вероятностью предстоит потратить часть денег на помощь близким. Особенно вероятны такие траты в середине недели. Не стоит обсуждать с посторонними свои финансовые дела, даже рассчитывая на дельный совет. Скорее всего, Раки просто напрасно потратят за разговорами время. Астрологи и эксперты советуют этим людям искать ответы на вопросы самостоятельно.

**Лев** 23.07 - 22.08



Львы будут чуть больше других людей подвержены влиянию энерговампиров, так что лучше не общаться с токсичными людьми и не слушать их. Уныние и финансовая стагнация сменятся подъемом, деньги пойдут в карман. Главное — если не испортить того, чего уже удалось добиться. Для покупок лучше отвести выходные.

**Дева** 23.08 - 22.09



Девам предстоит посвятить много времени сфере отношений, но не стоит забывать о делах, работе и покупках. В бизнесе лучше руководствоваться не только эмоциями, но и разумом: проверять качество товаров, срок годности, внимательно читать инструкции. Сейчас лучше не тратить время на авантюры. Важно работать в поте лица, и тогда Вселенная вознаградит Дев, причем вполне возможно, что уже на этой неделе.

**Весы** 23.09 - 22.10



Энергетика Весов существенно вырастет. Они смогут победить нервозность и обрести внутреннее равновесие, выйти на победную финансовую тропу. Весы смогут наконец привести дела в порядок. Астрологи советуют пока не рассказывать о своих планах коллегам, знакомым и приятелям: иначе энергия и запал могут уйти. Можно делать ставку на карьеру, поскольку Венера подарит массу сил и мотивации.

**Скорпион** 23.10 - 21.11



Многим Скорпионам на неделе с 22 по 28 января будет гораздо проще решать деловые и финансовые задачи. Стоит начать с тех дел, которые не терпят отлагательства. Однако не стоит забрасывать любовную сферу. Иногда нужно отходить от спешки, фокусируясь на романтике и семье. На этой неделе также можно менять работу на более денежную и прибыльную, посвятить время шопингу, не жалея потраченных на него часов и денег.

**Стрелец** 22.11 - 21.12



В конце июля Стрельцам рекомендуется вкладывать финансы в свое развитие — получать новые знания, записываться на курсы, повышать квалификацию. Если работа связана с какими-то инструментами и материалами, можно приобрести их. Также сейчас важно потратиться на здоровье, заняться спортом.

**Козерог** 22.12 - 19.01



Козерогам полезно на этой неделе рассмотреть финансовые проблемы под другим углом. Там, где не выходит справиться трудолюбием и упорством, можно применить интеллект и креативность. Важно лишь избегать хитрости и обмана. Сейчас точно нельзя перекладывать работу на чужие плечи: в таком случае финансы и удача тоже уйдут к другому человеку. В конце недели стоит ждать приятных перемен и роста бюджета.

**Водолей** 20.01 - 18.02



Водолеям, согласно расположению звезд, можно заниматься важными покупками и ответственными финансовыми делами. Заработки пойдут вверх, но главное тут не заиграться и не потерять связь с реальностью. Принимая решения относительно трат и вкладов, стоит помнить о самокритичности и взвешивать все «за» и «против». Приумножить доходы и увеличить достаток Водолеям помогут также советы близких людей.

**Рыбы** 19.02 - 20.03



Рыбам в этот период можно принимать посильное участие в благотворительных проектах и акциях, но только если их финансовые дела пошли в гору. Отдавать последнее точно не стоит. В долг астрологи советуют давать небольшими суммами и только проверенным людям. Наиболее денежные проекты будут связаны с цифрами и вычислениями. Самый подходящий день для вложений и покупок – суббота, но в целом вся неделя для этого будет также подходить весьма неплохо.

**финансовый рынок**

## Акции в США достигли нового рекорда

***В пятницу фондовые индексы США завершили торги повышением: индекс S&P 500 закрылся на новом рекордном максимуме впервые за более чем два года.***

Базовый индекс S&P 500 компаний с большой капитализацией завершил день на отметке 4839,81, превысив предыдущий рекорд в 4796,56, установленный 3 января 2022 года. Индекс также торговался на отметке 4842,07, превысив внутридневной рекорд в 4818,62, установленный 4 января 2022 г., по данным FactSet. Dow Jones Industrial Average вырос на 1,1%, до 37863,80 пункта.

Последние недели были отмечены макроэкономическими данными, показывающими, что экономика продолжает расти, рынок труда устойчивый.




Президент ФРС Банка Атланты Рафаэль Бостик призвал политиков осторожно подходить к смягчению ставок, в то время как управляющий ФРС Кристофер Уоллер, похоже, поставил под сомнение необходимость агрессивного их снижения, по крайней мере, на данный момент, пишет Bloomberg.

Лидировали акции технологических компаний: акции SMCI выросли на 35,9%, Nvidia — на 4,2%, Broadcom — 5,9%. Между тем, казначейские облигации, завершившие 2023 год историческим ралли, в новом году понесли потери.

Индекс Nasdaq 100 достиг рекордного уровня и поднялся почти на 3% за неделю. По данным Bank of America Corp. со ссылкой на данные EPFR Global, фонды акций технологических компаний получили самый большой двухнедельный приток с августа — $4 млрд. В результате цена Nasdaq 100 превышает 30-кратную прибыль, что является одним из самых высоких показателей за всю историю.

## Amazon Web Services инвестирует к 2027 году $15,2 млрд в расширение бизнеса в Японии

***Компания Amazon Web Services (AWS) планирует инвестировать 2,26 трлн иен ($15,24 млрд) в Японию к 2027 году для расширения инфраструктуры облачных вычислений, которая служит основой для сервисов искусственного интеллекта (ИИ).***

Amazon Web Services (AWS), подразделение американского интернет-ритейлера Amazon.com Inc. в сфере облачных вычислений, к 2027 году намерена инвестировать 2,26 трлн иен ($15,24 млрд) в расширение облачной инфраструктуры для сервисов на базе искусственного интеллекта (ИИ) в Японии.

Об этом сообщает CNBC со ссылкой на заявление AWS.

В частности, для удовлетворения растущего спроса облачное подразделение планирует расширить инфраструктуру в Токио и Осаке.

"Япония - очень важная страна для нас", - цитирует агентство Jiji Press слова главы японского сегмента AWS Тадао Нагасаки.

В 2011-2022 годах AWS уже вложила 1,51 трлн иен в строительство облачных мощностей в этой стране. Среди ее клиентов в области генеративного (создающего контент - ИФ) ИИ - Asahi Group, Marubeni и Nomura Holdings.




Инвестиции в регион стали результатом того, что правительство и корпоративный сектор Японии стремятся ускорить развитие систем на базе искусственного интеллекта. В частности, в прошлом году премьер-министр Японии Фумио Кисида встречался с руководителями компаний OpenAI, создавшей ChatGPT, и Nvidia, производящей чипы, чтобы обсудить регулирование и инфраструктуру ИИ.

На основе интернет-данных подготовила: **Гульшат АМАНОВА**, «Бизнес реклама».

В Польше 21 января отмечают День бабушек, и 22 января День дедушек.

22 января 1927 года первый прямой радиорепортаж с футбольного матча между «Арсеналом» и «Шеффилд Юнайтед» в Лондоне.

Mahabat
www.br.com.tm




## «TÜRKMENETSÜÝTSÖWDA» DLBSF-NIŇ MARY SÖWDA BAZASY



# Mahabat




## «TÜRKMENISTAN» DÖWLET SÖWDA MERKEZI

**2-nji gatynda ýerleşýän garyşyk harytlar dükanynda harytlaryň köp görnüşini amatly bahalardan müşderilere hödürleýär!**

- *Galantereýa harytlary*
- *Dokma önümleri*
- *Arassaçylyk serişdeleri*
- *Senagat harytlary*
- *Hojalyk harytlary*
- *Sowgatlyk harytlar*






Dünýä belli brendleriň dürli görnüşlerini amatly bahadan satyn almaga howlugyň!





**Habarlaşmak üçin:**
**94 17 51**

## «MERW» DÖWLET LOMAÝ-BÖLEK SÖWDA FIRMASY

**Müşderilere söwda we jemgyýetçilik iýmiti hyzmatynyň köp görnüşlerini hödürleýär!**

Ol halkyň sarp edýän harytlarynyň lomaý, bölek we komission söwdasyny, jemgyýetçilik iýmitiniň söwdasyny edýändigi bilen meşhurdyr. «Merwiň» 53 sany söwda nokadynyň 43 sanysy iýmite, 10 sanysy senagat harytlaryna degişlidir.

- *Jemgyýetçilik iýmiti*
- *Azyk önümleri*
- *Öý-hojalyk harytlary*
- *Senagat harytlary*
- *Komission söwda*









**Habarlaşmak üçin telefon belgisi:**
**+993 522 7 16 42**



Möçberi 16 sahypa Formaty A3 A-113254 I Indeksi 169493 I Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar I Bahasy 3 manat 50 teňňe I Nusgasy 4123 sany.

**Biznes reklama**
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

**BAŞ REDAKTOR**
Seýitmyrat GELDIÝEW

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.

**E.POÇTA:** biznesreklama@sanly.tm
**WEB-SAÝTYMYZ:** www.br.com.tm

**BIZIŇ SALGYMYZ:**
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

4 833005 330010

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. | Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.